***Düýn Arkadag şäheriniň Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde saglygyny dikeldýän hem-de gözel Gökdere jülgesinde ýerleşýän sagaldyş-dynç alyş merkezlerinde wagtlaryny gyzykly hem-de şadyýan geçirýän çagalara Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň adyndan täze bugdaý hasylyndan taýýarlanylan çörek önümleri, şeýle hem miwe we bakja nygmatlary gowşuryldy. Bu waka Watan harmanyna 1 million 400 müň tonnadan gowrak bugdaý tabşyryp, uly zähmet üstünligini gazanan zähmetsöýer babadaýhanlarymyzyň bereketli türkmen topragynda ýetişdirýän bol hem-de datly nygmatlarynyň hasylyndan çagalara berlen özboluşly sowgat boldy.***



Häzirki döwürde ýaş nesilleriň hemmetaraplaýyn alada bilen gurşalyp alynmagy Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan we hormatly Prezidentimiziň üstünlikli durmuşa geçirýän döwlet syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biridir. Bereketli hasyldan nygmatlary gowşurmak dabaralary aýdym-sazlar bilen utgaşdy. Çykyş edenler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Watanymyzyň geljegi bolan ýaş nesliň durmuş taýdan goraglylygy, ruhy we beden taýdan sagdyn ösüşi, hemmetaraplaýyn bilim-terbiýeli bolmagy ugrunda giň gerimli işleriň durmuşa geçirilýändigini bellediler. Bagtyýar çagalygyň ýurdunda durmuşa geçirilýän asylly işleriň ýaş nesilleriň belent adamkärçilikli, ynsanperwer adamlar bolup ýetişmeginde terbiýeçilik ähmiýeti hem diýseň uludyr. Bu işlerde Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasyna aýratyn ornuň degişlidigini bellemek gerek.

Çagalar iberilen sowgatlary çuňňur hoşallyk duýgusy bilen kabul edip, özleri baradaky yzygiderli aladalary üçin Milli Liderimize hem-de döwlet Baştutanymyza alkyş sözlerini goşgy setirleri bilen beýan etdiler. Geçirilen dabaralar saglyklaryny berkidýän we dynç alýan çagalaryň durmuşynda ýatdan çykmajak waka boldy. Ol ata-babalarymyzdan gaýdýan ynsanperwer ýörelgeleriň häzirki wagtda ýurdumyzda mynasyp dowam etdirilýändiginiň özboluşly nyşanyna öwrüldi.

Döwletimiz tarapyndan döredilýän amatly mümkinçiliklerden ruhlanyp yhlasly zähmet çekýän ýurdumyzyň ekerançylary dürli miweleriň, gök we bakja ekinleriniň bol hasylyny ýetişdirip, bazarlary hem-de dükanlary ýylyň ähli paslynda ter azyk önümleri bilen üpjün etmek işine mynasyp goşant goşýarlar. Edermen gallaçy babadaýhanlarymyzyň ýakynda gazanan uly zähmet üstünligi hem hormatly Prezidentimiziň obasenagat pudagynda durmuşa geçirýän özgertmeleriniň we döredip berýän şertleriniň netijeli miwesi bolup durýar.

— Gahryman Arkadagymyz we Arkadagly Gahryman Serdarymyz iň gowy zatlary çagalara bagyşlaýar. Muny ýaş nesiller her pursatda görýärler we duýýarlar. Merkezimizde bejergi alýan çagalara Diýarymyzda ösdürilip ýetişdirilýän nygmatlardan, süýjüliklerden sowgatlary gowşurmak asylly däbe öwrüldi. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen döredilen Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Çagalar sagaldyş-dikeldiş merkezinde bellenilen meýilnama esasynda şu günler Mary welaýatyndan gelen çagalar bejergi alýarlar. Gaznanyň hasabyna saglygyny dikeldýän çagalar bereketli bugdaý hasylyndan taýýarlanylan toý pişmelerini, çörek önümlerini, süýjülikleri, güneşli topragymyzda ýetişdirilen miweleri, baldan süýji gawun-garpyzlary iýip, çäksiz lezzet aldylar. Çagalaryň saglygyny goramak, howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek babatda belent ynsanperwer işleri durmuşa geçirýän, ýaş nesli atalyk aladalary bilen gurşaýan Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun! — diýip, bu merkeziň direktory Maýa Öküzowa söhbetdeş bolanymyzda aýtdy.

***Begli ABDYKADYROW.***
***«Türkmenistan».***

Surata düşüren
Myrat BAÝRAMOW.

«SAGLYK» DÖWLET MAKSATNAMASYNA — 30 ÝYL!

# JEMGYÝETÇILIK SAGLYGY GORAÝŞY: BELENT SEPGITLER

***Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ähli ugurlar bilen bir hatarda, ýurdumyzyň saglygy goraýyş ulgamynda hem uly üstünlikler gazanylyp, belent sepgitlere ýetilýär. Hormatly Prezidentimiziň «Watan diňe halky bilen Watandyr! Döwlet diňe halky bilen döwletdir!» diýen ynsanperwer şygary astynda, saglygy goraýyş ulgamynyň maddy-enjamlaýyn binýadyny berkitmek, innowasion taýdan özgertmek, halkymyza edilýän lukmançylyk hyzmatlarynyň hilini ýokarlandyrmak, kärine ökde lukmanlary taýýarlamak babatda toplumlaýyn işler durmuşa geçirilýär.***

**Garaşsyzlyk** ýyllarynda ýurdumyzda amala aşyrylan giň gerimli özgertmeleriň netijesinde, kämil saglygy goraýyş ulgamy kemala geldi. Ata Watanymyzda adam jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy hasaplanylýar. Şeýle ynsanperwer ýörelgelerden ugur alnyp, ilat arasynda keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek, olaryň öňüni almak, arassaçylyk-gigiýena kadalarynyň berk berjaý edilişini hemişe gözegçilikde saklamak babatda netijeli işler durmuşa geçirilýär. Iýmit önümleriniň howpsuzlygy we hili boýunça, şeýle hem wirus, bakterial, parazitleriň gelip çykyşy hem-de agyz suwunyň üsti bilen geçýän keselleri anyklamakda barlaghana gözegçiligini alyp barýan hünärmenleriň hünär derejeleri yzygiderli kämilleşdirilýär. Olar arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek ugrunda ylmy-barlag işlerini hem alyp barýarlar. Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan dünýäniň dürli döwletleriniň, şol sanda Russiýa Federasiýasynyň, Germaniýa Federatiw Respublikasynyň lukmanlary bilen guralýan sanitariýa-epidemiologik, barlaghana işleri boýunça geçirilýän okuw maslahatlaryna Döwlet Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň garamagyndaky edaralaryň degişli hünärmenleri yzygiderli gatnaşýarlar.

Ilatyň arasynda ýokanç däl keselleriň öňüni almak maksady bilen, degişli kanunçylyk binýadynyň berkidilmegi hem-de «Türkmenistanyň ilatynyň sagdyn iýmitlenmegi boýunça 2020 — 2025-nji ýyllar üçin Milli maksatnama» boýunça ýerine ýetirilmeli işleriň meýilnamasyna laýyklykda durmuşa geçirilýän çäreler aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Hususanda, ilat arasynda ýoduň, demir we foliý turşusynyň ýetmezçiligi bilen baglanyşykly keselleriň öňüni almak maksady bilen öndürilýän duzy ýod, uny demir, foliý turşusy bilen baýlaşdyrmakda öňdebaryjy tejribeler gazanyldy. Ýokumy baýlaşdyrylýan unuň we duzuň düzümini barlamakda yzygiderli barlaghana gözegçiligi ýöredilýär.

«Iýmit çygrynda mümkinçilikleri we hyzmatdaşlygy ösdürmek boýunça sebitleýin platformany ýerleşdirmek we işletmek arkaly Merkezi Aziýa we Günorta Kawkaz sebitlerinde eneleriň we çagalaryň iýmitlenmegini gowulandyrmaga ýardam etmek barada Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasy (ÝUNISEF) bilen Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama» esasynda alnyp barylýan işler dowam etdirilýär.

Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezinde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasynyň ýardam bermeginde, «FEEDCities» taslamasynyň çäklerinde barlaghananyň işine ornaşdyrylan iýmit önümleriniň düzüminde transýaglary we duzlary anyklamak boýunça barlaglar geçirilýär. Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň bu merkezde ýerleşýän iýmit gigiýenasy kafedrasynda talyplara halkara ülňülere laýyk gelýän iýmit barlaghanalarynda geçilýän okuw sapaklarynyň ähmiýeti uludyr. Ilat arasynda keselleriň öňüni almak, sagdyn durmuş ýörelgelerini berkitmek we kadaly iýmitlenmek bilen baglylykda geçirilýän wagyz-nesihat çäreleri hem netijeli häsiýete eýe bolýar.

Öňüni alyş sanjymlarynyň ilat arasynda köp keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek, ýurtda saglyk abadançylygyny üpjün etmek babatda ygtybarly serişdedigi ylmy hem-de amaly taýdan tassyklandy. Sanjym işleri degişli meýilnama boýunça geçirilýär. Şunda Birleşen Milletler Guramasynyň Çagalar gaznasynyň we Türkmenistanyň Hökümetiniň arasynda waksinalary satyn almak boýunça köpýyllyk Ähtnama arkaly hyzmatdaşlyk dowam etdirilýär. 2021 — 2025-nji ýyllarda waksinalary we immunizasiýa üçin enjamlary satyn almagyň degişli meýilnamasyna laýyklykda, ilaty ýokanç kesellerden goramak, arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek abadançylygyny üpjün etmek hem-de saglygy goraýyş ulgamynda ileri tutulýan maksatlara ýetmek üçin, immuno-öňüni alyş işlerini geçirmek maksady bilen, Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan güwänamalaşdyrylýan sanjym serişdeleri döwletiň hasabyna satyn alynýar we tölegsiz ýerine ýetirilýär.

Ýeri gelende bellesek, Türkmenistanda ilatyň saglygyny goramak üçin möhüm maksatnamalar işlenip taýýarlanylýar. Şunda 2024-nji ýylyň oktýabrynda ýurdumyzyň ilatynyň saglyk abadançylygyny üpjün etmek, ýokanç keselleriň öňüni almak we olara garşy göreşmek, bu ugurdaky işleri halkara kadalara laýyklykda yzygiderli pugtalandyrmak maksady bilen, «Türkmenistanyň immuno-öňüni alyş boýunça 2024 — 2028-nji ýyllar üçin Milli maksatnamasynyň» hem-de ony amala aşyrmak boýunça ýerine ýetirilmeli çäreleriň Meýilnamasynyň tassyklanylandygyny hem aýtmak gerek. Türkmenistanda immuno-öňüni alyş işleri öz wagtynda geçirilýär hem-de olara ilat işjeň gatnaşýar.

Halkara guramalar bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygyň çäklerindäki işleriň netijesinde, Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkeziniň referens barlaghanaly wirusologiýa bölümine 2019-njy ýylyň sentýabrynda Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy tarapyndan dümew boýunça Milli merkez derejesi berildi. Barlaghana barlaglarynyň yzygiderli gözegçiligi netijesinde, bu derejäniň saklanmagy dowam edýär we degişli güwänamalar alynýar.

Merkeziň referens barlaghanaly wirusologiýa bölüminde gyzamyk, gyzylja ýokanç kesellerini anyklamak boýunça BSGG-niň iberen nusgalyklarynyň barlaghana barlaglary geçirilip, onuň netijesi barlaghananyň hünärmenleriniň iş başarnygyna bildirilýän talaplaryň ýokary derejede saklanýandygyny görkezdi we bu barada degişli güwänama alyndy.

Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezi Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy, Merkezi Aziýada we Ýewropada mikroblara garşy dermanlara durnuklylyga epidemiologik gözegçilik merkezi (CAESAR) we Mikroblara garşy duýgurlygy bahalandyrmak boýunça Ýewropa komiteti bilen bilelikde halkara hyzmatdaşlygy amala aşyrýar. Bakteriologiýa barlaghana bölüminiň hünärmenleri daşky hile baha beriş barlaglary boýunça CAESAR ulgamyna gatnaşdylar hem-de barlagyň netijeleriniň esasynda degişli güwänama gowşuryldy.

Ýokanç we aýratyn howply ýokanç keselleri, şol sanda ýiti ýokarydem alyş ýollarynyň kesellerini gysga wagtda anyklamak maksady bilen, Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezine polimeraz zynjyrly reaksiýa usuly arkaly ýokanç keselleriň döredijilerini anyklamak üçin niýetlenen ýöriteleşdirilen barlaghana enjamlar toplumly, göçme görnüşli barlaghanaly awtoulagyň alynmagy bu ugur boýunça gözegçiligi has-da güýçlendirmäge mümkinçilik berdi. Göçme görnüşli barlaghanaly awtoulag innowasion enjamlar arkaly, islendik ýerde ýokary hilli barlaghana barlaglaryny amala aşyrmakda has netijeliligi bilen tapawutlanýar.

Şeýle-de Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezine Hil ulgamynyň laýyklyk güwänamasy berildi. Bu güwänama barlaghana synag hyzmatlarynyň Hil menejmentiniň ulgamynyň TDS ISO 9001 bellenen talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýar. Bu dünýäde hili dolandyrmak boýunça ykrar edilen standart bolup, ähli degişli edaralara, pudaklara işlerini kämilleşdirmäge, müşderileriň talaplaryny ödemäge hem-de özüniň hile ygrarlylygyny görkezmäge ýardam edýär. Bu güwänama mynasyp bolunmagy merkezde işleriň netijeli alnyp barylýandygyny, hünärmenleriň öz wezipesini ýokary derejede ýerine ýetirýändigini hem-de hyzmatlaryň gyşarnyksyz berjaý edilýändigini görkezýär.

Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezinde geçirilýän barlaghana-gözegçilik işleriniň kämilleşdirilmegi we halkara standartlara laýyklykda amala aşyrylmagy ýurdumyzda «Saglyk» Döwlet maksatnamasynyň üstünlikli durmuşa geçirilýändiginiň aýdyň güwäsidir. Saglygy goraýyş ulgamynda has netijeli zähmet çekmäge şeýle giň mümkinçilikleri, döwrebap şertleri döredip berýän hormatly Prezidentimiziň we lukman Arkadagymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak bolmagyny, döwletli işleriniň hemişe rowaçlyklara beslenmegini arzuw edýäris.

***Aşyrmyrat GYLYJOW,***
***Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkeziniň başlygy.***

# AWAZANYŇ KENARYNDA

*Awaza,*
*Awaza,*
*Gözel Awaza,*
*Ajap zamanamyň aýdyň keşbi sen!*
*Gören göwünleri salýar heýjana*
*Gujagyňda çüwdürimleň, çeşmeleň.*

*Hazynalar deňzim!*
*Melhemler deňzim!*
*Galkyndyrdyň ruhum,*
*Nurlandy meňzim.*

*Jahana täzeden inmek isleýän*
*Seň sapaly jennet goýnuňa gelsin.*
*Bu göze görünýän köşgi-eýwanlar*
*Göýäki Eremden düşüpdir ýere.*
*Erteki deý täzelenen eýýamlaň*
*Owazy müň aýdym getirýär sere.*

*Arkadagyň yhlas-erkinden dörän,*
*Ýürekleň küýsegi, kalplaň karary.*
*Awaza, sen bu gün owadan örän,*
*Ýigdelipdir Bahry-Hazar kenary!*

*Düre dönüp, suwdan çykan merjen sen,*
*Hakykata öwrülipdir hyýalym.*
*Göwünlere, ýüreklere melhem sen —*
*Bir gözel künjegi eziz Diýaryň.*

* * *

*Çyrpyn, deňiz,*
*Çaýkan, deňiz,*
*Joş, deňiz,*
*Ýüregi sen bu bagtly eýýamyň!*
*Ýigdelipsiň, goja deňiz, ýaş deňiz,*
*Göýä täze dünýä, baksam her ýanym.*

*Öwrülipsiň şeýle arzyly ýere,*
*Seň goýnuňda uly-kiçi şadyýan.*
*Keýp edýärler tolkunlaryň gulaçlap,*
*Ir säherden Gün batýança ýadaman.*

*Toýuň märekesin ýadyňa salýar*
*Möwç urýan deňiziň gözel kenary.*
*Tolkunlar çyrpynyp kem-kem bat alýar,*
*Hyjuw berýär gyz-gelinleň jemaly.*

*Munça şatlyk berip,*
*Munça bagt berip,*
*Owazaň giň dünýä doldy, Hazarym!*
*Bagtyýar adamlaň şatlyk-gülküsi*
*Has joşdurýar küştdepdiniň gazalyn.*

*Bir-birinden ajap köşkleň hatary*
*Getiripdir goja deňziň ýaşlygyn.*
*Hazaryň boýunda gurlan bu şäher*
*Nusgasydyr bagtdan dolup-daşmagyň.*

*Deňiz jadyly deý çekýär özüne*
*Halkyn Garagumly Türkmenistanyň.*
*Eziz Arkadagyň guran jenneti —*
*Guwanyp, buýsanyp baksaň her ýanyň.*

*Dünýäň jahankeşdeleri bu ýerde*
*Halkym bilen bile tutýar toýlaryn.*
*Dünýäň halklarynyň şirin owazy*
*Dowam edýär Gorkut ataň boýlaryn.*

*Owsun atýar, tolkun atýar gök deňiz,*
*Adamlara bagtyn aýdýar gök deňiz.*
*Şowhun bilen öz dilinde saz edip,*
*Arkadaga alkyş aýdýar gök deňiz.*

*Çyrpyn, deňiz,*
*Çaýkan, deňiz,*
*Joş, deňiz,*
*Ýüregi sen bu bagtyýar eýýamyň!*
*Ýigdelipsiň goja deňiz, ýaş deňiz,*
*Göýä täze dünýä, baksam her ýanym.*

***Bibi ORAZDURDYÝEWA.***






## Saçagyň mukaddesligi

***Halkymyzda adamlary suratlandyrmak üçin, «bugdaýreňk», «bugdaý sözli» diýen meňzetmeler hem der döküp gazanylan baýlyga sarpaly garaýşyň netijesinde emele gelipdir. «Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy?» diýen aýtgyny hem eşidensiňiz. Bugdaýreňk Günüň şöhlesiniň üýtgeşik öwüşginini ýadyňa salýar. Asmanyň şuglasy topraga özüniň nuruny inderýär. Şonda ýerden önýän ähli önümler hümmetlenýär, süýjeýär.***

* * *

***Tebigat, adamyň estetiki dünýäsi, adamyň zähmetiniň netijesinde döreýän görnüşler özara aýrylmaz baglanyşygy düzýärler. Obada ulalyp, daýhançylygy gören adam üçin bugdaýly meýdandan zyýada gözellik ýokdur. Ygşyldap oturan, dok däneli meýdan sungat eserine meňzeşdir. Saçagyň mukaddesligi bugdaý sümmülleriniň ygşyldysyndan başlanýandyr. Günden ýalkymyna ýetişen däneden asman ýaly ak reňkde un önýär.***

* * *

***Ygşyldap oturan gallaly meýdan, bir seretseň, gumuň çägesi bilen reňkdeş görünýär. Bugdaý başy ormaly wagty gelende goňras-mele reňkde öwüsýär. «Goňurbaş» mukamyny diňläniňde, bugdaýly meýdan ynsan kalbyna dolýar. Gözelligiň suratyny çekýär. Güne kemsiz ýetişen bugdaý sümmülleri eliňe alanyňdan, şagyrdap ses edýär. Onuň çygy gidýär-de, däne kemsiz tagamyna gelýär. Öňler sümmülden bir-iki däne alyp, bişendigini ýa-da bişmändigini bilmek üçin, ony dadyp görýän ekenler. Bugdaýyň sypaly, samany, harpygy bolýar. Olar mallara iým hökmünde ulanylýar. Sypaly, samany toýun suwag edilende hem ulanýarlar. Bugdaý orlanyndan soň, onuň meýdanynda saý-sebäp bilen galan hoşasyna çenli yrýa etmän ýygnalypdyr. Şoňa hem «hoşa çöplemek» diýilýär.***

***Türkmen zenanlarynyň gözelliginiň bir alamaty bolan saçlary hem sümmülden nusga alnyp örülendir. Sümmül saçlar zenanlaryň dünýäsini hem açýar. Sümmüle meňzedilip örülende, yzly-yzyna sekizlik ýasalýan ýalydyr. Kese ýatyrylan sekizlige meňzeş şekile bolsa matematikada «tükeniksizlik» diýilýär.***

*Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysynyň dowamaty» atly kitabyndan.*




## Pederlerimiziň paýhas dürlerinden

**Arpa-bugdaý aş eken,**
**altyn-kümüş daş eken.**

* * *

**Arpa eken bugdaý ormaz.**

* * *

**Arpaň dänesi bolandan,**
**bugdaýyň samany bol.**

* * *

**Bugdaý bolsa, ölçeg tapylar.**

* * *

**Bugdaý çigi et getir,**
**tüwi çigi dert getir.**

* * *

**Bugdaý: «Bäş aýda bir garyş,**
**bir aýda bäş garyş öserin» diýermiş.**

* * *

**Bugdaýy bolmadygyň,**
**ýagdaýy bolmaz.**

* * *

**Bugdaýy Hakdan dile,**
**jöweni — dersden.**

* * *

**Ajyksaň — çopan ýanyna bar,**
**Suwsasaň — daýhan ýanyna.**

* * *

**Arykdan suw akar,**
**daýhana Hudaý bakar.**

*«Paýhas çeşmesi» atly kitapdan.*

# «GAÝRAT SAŇA, HALAL TÜRKMEN DAÝHANY! ÇOÝUP DUR ÇOGUNA DÜNÝÄNI BUGDAÝ!»




## Daýhan yhlasy ýerine düşdi

***Ahal welaýatynyň edermen gallaçylary ýurdumyzyň galla harmanyna saldamly goşant goşdular. Olar 195 müň gektar ýerden ýokary hilli guşgursak ak bugdaýyň 412 müň 200 tonnadan gowragyny ýygnap, döwlet tabşyrygyny 103 göterimden geçirip ýerine ýetirdiler. Şeýlelikde, Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny ajaýyp zähmet üstünliklerine bezlediler.***

**G**azanylan belent sepgit ahally gallaçylaryň sahawatly topraga siňdiren yhlasynyň, hormatly Prezidentimiziň oba hojalyk pudagynda amala aşyrýan özgertmeleriniň oňyn netije berýändiginiň güwäsidir. Welaýatyň oba zähmetkeşleri özleri üçin döredilen şertlerden, tohum, dökün, tehnika, ýeterlik möçberdäki suw üpjünçiliginden, beýleki goldaw-hemaýatlardan ruhlanyp, joşgunly zähmet çekdiler. Şunda galla orujy kombaýnlaryň, hasyly daşaýjy awtoulaglaryň, galla kabul ediş kärhanalarynyň sazlaşykly işine aýratyn ähmiýet berildi. Möwsüme gatnaşyjylar üçin medeni-dynç alyş çäreleri geçirildi. Hormatly Prezidentimiziň möwsümiň gyzgalaňly dowam edýän günlerinde Ak bugdaý etrabynyň Magtymguly adyndaky daýhan birleşiginde bolup, daýhanyň kärende ýerinde galla oragyna başlap bermegi bolsa welaýatyň ak ekin ussatlarynyň ýurdumyzda ilkinjileriň hatarynda arzyly sepgide ýetmegine itergi berdi.

Gökdepe etrabynyň gallaçylary ýurt derejesinde borçnamasyny ilkinjileriň hatarynda amal etdiler. Olar 10 müň 100 gektar meýdandan 20 müň 100 tonnanyň ýerine 24 müň tonnadan gowrak däne ýygnap, borçnamany 119,63 göterim berjaý etdiler. Gökdepeli gallaçylaryň gazanan zähmet ýeňşinde etrabyň «Ýandaklyagyz», «Gökdepe», «Üzümçilik», «Türkmenistan», «Ahal» daýhan birleşikleriniň gallaçy kärendeçileriniň uly paýy bar. «Ýandaklyagyz» daýhan birleşiginiň kärendeçisi Ogulnar Pirowa özüne degişli 20 gektaryň hasyllylygyny 61 sentnere ýetirip, şonça gektar kärende ýerinden 39 tonna 800 kilogramyň ýerine 123 tonnadan gowrak guşgursak ak bugdaýy galla harmanyna goşdy. Şol daýhan birleşiginiň kärendeçisi Ahmet Gurbanow bolsa 7,5 gektar ekin meýdanyndan gallanyň 14 tonna 925 kilogramynyň ýerine 42 tonna 445 kilogramyny ýygnady. Munuň özi onuň her gektarynyň hasyllylygynyň 57 sentnere ýetendigini görkezýär. Şeýle öňdebaryjy kärendeçileriň päk zähmeti netijesinde «Ýandaklyagyz» daýhan birleşigi boýunça däne ýetişdirilen 246 gektar ýerden dokmaňyz ak bugdaýyň 793 tonnasy ýygnalyp, bu babatdaky meýilnama 162 göterim amal edildi. Etrabyň «Gökdepe» daýhan birleşiginiň aýry-aýry kärendeçileriniň ýeten sepgidi hem nygtalmaga mynasyp. Bäşşe Ataýew 7 gektar kärende ýerinden 37 tonna 947 kilogram hasyl alyp, 24 tonnadan gowrak bugdaýy artyk tabşyrdy. Şol daýhan birleşiginiň tejribeli kärendeçisi Geldimyrat Kyşykow 2 gektar ýerinden 12 tonna 444 kilogram dokmaňyz ak bugdaýy Watan harmanyna tabşyrdy hem-de her gektaryň hasyllylygyny 62,22 sentnere ýetirdi. Etrabyň beýleki daýhan birleşiklerinde hem şeýle guwandyryjy görkezijilere eýe bolan gallaçylar az däl.

Bäherden etrabynyň gallaçylary 19 müň 300 gektar meýdandan 40 müň 300 tonna derek 43 müň tonna 355 kilogramdan gowrak, Ak bugdaý etrabynyň hasyl ussatlary 26 müň gektar ýerden ak bugdaýyň 57 müň 800 tonnasynyň ýerine 59 müň 666 kilogramy, Sarahs etrabynyň daýhanlary 22 müň 900 gektardan dänäniň 48 müň 100 tonnasynyň ýerine 56 müň 86 tonna däne taýýarlap, bu babatdaky tabşyrygy, degişlilikde, 107,58; 103,23; 116,60 göterim berjaý etmek bilen, umumy üstünlige saldamly goşant goşdular.

*Aýdo ŞEKEROW.*
*(Öz habarçymyz).*

## Halal zähmete sarpa

***Galla oragyna ynamly girişen balkanly gallaçylaryň belent maksatlary myrat tapdy. Ozal habar berşimiz ýaly, welaýatyň edermen daýhanlary 50 müň gektar ak ekin meýdanyndan 80 müň tonnadan gowrak guşgursak bugdaý hasylyny ýygnap, ýurdumyz boýunça ilkinji bolup arzyly sepgide ýetdiler. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygy, hemişelik Bitaraplygymyzyň şanly 30 ýyllygy giňden dabaralandyrylýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda gazanylan zähmet üstünligi göwünleri göge göterdi.***

**S**ebitiň toprak-howa şertleri bilen baglylykda, Balkan welaýatynda bugdaý oragyna 11-nji iýunda girişildi. Möwsümiň dowamynda bar bolan, ýokary iş öndürijilikli 100 çemesi kuwwatly kombaýn, ýygnalan hasyly galla kabul ediş nokatlaryna bökdençsiz daşamakda ýük awtoulaglarynyň 500-den gowragy netijeli peýdalanyldy. Munuň üçin düzüminde mehanikler, sazlaýjylar, kebşirleýjiler bolan ýörite hyzmat ediş toparlarynyň 16-sy gije-gündiziň dowamynda hereketde boldy. Jogapkärli möwsümde welaýatyň Gyzylarbat we Magtymguly etraplarynyň kärendeçileri has-da göreldeli zähmet çekdiler. Gyzylarbat etrabynyň gallaçylary şu oba hojalyk möwsüminde 28 müň 500 gektar ýerden 57 müň 330 tonna guşgursak bugdaýy döwlet harmanyna tabşyrmagy başardylar. Munuň özi meýilnamanyň 125,7 göterim berjaý edilendigini görkezýär. Etrap boýunça aýratyn tapawutlanan hojalyklaryň hatarynda «Paraw» daýhan birleşigi 3 müň 500 gektar ýerden 6 müň 315 tonna ak bugdaý alyp, meýilnamany 112,8 göterim berjaý etdi.

Balkan welaýatynda bugdaý Gyzylarbat, Bereket, Magtymguly, Etrek we Esenguly etraplarynda ekilýär. Onuň «Alekseiç», «Bezostaýa — 100» ýaly sortlary ekilip, olardan ýokary hasyl almak ugrunda ähli tagallalar edilýär. Welaýatda bugdaý öndürmek boýunça şertnamalaýyn borçnamanyň ýylyň-ýylyna ýurdumyzda ilkinjileriň hatarynda berjaý edilmegine sebitiň oba hojalyk önümlerini öndüriji hususy düzümleri hem mynasyp goşant goşýarlar.

Bu gün bolsa ýurdumyzyň merdana gallaçylarynyň Watan harmanyna ak bugdaýyň 1 million 400 müň tonnadan gowragyny tabşyryp, meýilnamalaryna abraý bilen hötde gelmekleri tutuş ýurdumyzyň raýatlarynyň, şol sanda balkanly gallaçylaryň hem buýsançly göwünlerini has-da galkyndyrdy.

Şu günki gazanylan zähmet ýeňşinde welaýatyň Magtymguly etrabynda ýerleşýän «Daýhan ädimi» daýhan hojalygynyň hem mynasyp paýy bar. Şu ýyl bu daýhan hojalygyna degişli 3 müň 300 gektar ýerden 5 müň 280 tonna derek 8 müň 175 tonna bugdaý hasyly ýygnalyp, meýilnama 155 göterim berjaý edildi.

*Arazguly HUDAÝGULYÝEW.*
*(Öz habarçymyz).*

## Watan harmanyna mynasyp goşant

***Ýurdumyzyň edermen gallaçylarynyň uly zähmet ýeňşine Daşoguz welaýatynyň daýhanlary hem mynasyp goşant goşdular.***

**O**rak möwsüminiň dowamynda ýokary öndürijilikli kombaýnlaryň 330-dan gowragy bökdençsiz işledildi, ýük ulaglarynyň 1 müň 525-si ýygnalan hasyly kabul ediş bölümlerine hem-de ammarlara üznüksiz daşady. Şu ýylky möwsümde göçme abatlaýyş-mehaniki toparlaryň 114-si oraga gatnaşýan mehanizatorlara, sürüjilere, gallaçylara toplumlaýyn hyzmat etdi.

Sebitiň demirgazyk künjeginde ýerleşýän Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň daýhanlary ak bugdaýyň bol hasylyny ýetişdirip, welaýatda ilkinji bolup şertnamalaýyn borçnamalaryny artygy bilen ýerine ýetirdiler. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň oba hojalyk pudagynda amala aşyrýan täze özgertmelerine laýyklykda, işleri täzeçe guraýan bu etrap boýunça bugdaý ekilen 28 müň 500 gektar meýdandan 51 müň 450 tonnadan gowrak hasyl alyndy. Şanly ýylymyzda welaýatyň Görogly, Şabat etraplary hem öňdäkileriň hatarynda boldular.

Gyzgalaňly dowam eden orak möwsüminde sebitiň etraplarynyň daýhan birleşikleriniň aglabasy işleri nusgalyk derejede gurap, bugdaý öndürmek boýunça ýokary netijeler gazandylar. Bu babatda Görogly etrabynyň «Aksaraý» daýhan birleşiginiň kärendeçileri welaýatda birinji bolup zähmet ýeňşini buşladylar.

Daýhan birleşigi boýunça şu ýylyň hasyly üçin 1 müň 80 gektar ýere güýzlük bugdaý ekildi. Welaýatda galla oragyna ak pata bermek mynasybetli dabaranyň şu ýerde geçirilmegi hem oba adamlarynyň güýjüne güýç goşup, üstünlige ruhlandyrdy. Daýhan birleşiginde göz öňünde tutulan 2 müň 100 tonna derek 2 müň 500 tonna golaý bugdaý hasylynyň ýygnalmagy hem munuň aýdyň güwäsidir.

Şabat etrabynyň Sadulla Rozmetow adyndaky oba hojalyk paýdarlar jemgyýetiniň gallaçy daýhanlary hem bugdaý öndürmek boýunça tabşyrygy öňdäkileriň hatarynda berjaý etdiler. Bu hojalyk boýunça bugdaý ekilen 2 müň 420 gektar meýdandan jemi 6 müň 300 tonnadan gowrak guşgursak däne öndürildi.

Welaýatda ykbalyny topraga baglap, üstünlikli işleýän kärendeçileriň hatary barha artýar. Köneürgenç etrabynyň «Täze güýç» daýhan birleşiginiň kärendeçisi Maksat Meredow ýylyň-ýylyna ýerden ýokary hasyl alyp gelýär. Şu ýylda ussat gallaçy 10 gektar ýerden 45 tonnadan gowrak hasyl ýygnady. Şu daýhan birleşiginden Zybagözel Atajanowa hem 12 gektar kärende ýerinden ýokary hasyl ýetişdirdi. Akdepe etrabynyň «Aşgabat» daýhan birleşiginden Hudaýberdi Begdurdyýew 7 gektar ýerden 30 tonna golaý, Şabat etrabynyň Sadulla Rozmetow adyndaky oba hojalyk paýdarlar jemgyýetinden Gülbahar Haýtakowa 2 gektar kärende ýerinden 15,8 tonnadan gowrak hasyl ýygnamagyň hötdesinden geldiler. Haýtakowanyň her gektardan alan hasylynyň möçberi 79 sentnerden geçdi. Kärendeçiler Saýýara Kadyrowa 3,3 gektardan 24,4 tonna, Farhad Kutybaýew 2,6 gektar ýerden 18,9 tonna, Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynyň «27-nji oktýabr» daýhan birleşiginiň kärendeçisi Nury Nuryýew hem 15 gektar ýerinden 27 tonna derek 67 tonna ak bugdaý ýygnap, uly zähmet ýeňşini gazandylar.

Saparmyrat Türkmenbaşy etrabyndan Täzebaý Ataýewiň özüniň we ogullarynyň döreden daýhan hojalyklarynda şu ýyl ak bugdaýyň bol hasyly ýetişdirildi. Bu daýhan hojalyklary boýunça jemi bugdaý ekilen 1 müň 300 gektar meýdandan 2 müň 345 tonna derek 7 müň 740 tonna däne ýygnalyp, şertnamalaýyn tabşyryk üç esseden artyk berjaý edildi.

Işleriň ýokary guramaçylykly hem-de sazlaşykly alnyp barylmagy netijesinde, ýurdumyzda azyk bolçulygy üpjün edildi, agzybir halkymyzyň halal saçagynyň rysgal-berekedi, günsaýyn ösýän, özgerýän, kuwwatlanýan döwletimiziň asudalygynyň, abadançylygynyň, baky berkararlygynyň, mizemezliginiň binýady bolan bereketli galla harmany döredildi.

*Amanmyrat SAPAROW.*
*(Öz habarçymyz).*

## Altyn çäjiň ýalkymy

***Gadymy Lebap topragynyň zähmetkeş daýhanlary 130 müň gektar ýerden 310 müň tonnadan geçirip bugdaý hasylyny aldylar. Gazanylan zähmet ýeňşine welaýatyň etraplarynyň ählisiniň zähmetkeşleri mynasyp goşant goşdular.***

**S**aýat we Çärjew etraplarynda 70 müň tonnadan geçirip bugdaý tabşyrmak meýilleşdirilen bolsa, Dänew etrabynda 50 müň tonna golaý, Hojambazda 35 müň, Köýtendagda 28 müň, Halaçda 25 müň, Kerkide 20 müň tonnadan gowrak, Darganata etrabynda bolsa 5,5 müň tonna golaý hasyl ýygnamak göz öňünde tutuldy. Bu etraplaryň zähmetkeşleri garaşylýan zähmet ýeňişlerini gazandylar.

Welaýatyň Kerki, Halaç, Saýat we Çärjew etraplarynyň gallaçy kärendeçileriniň beýleki etraplardaky kärdeşlerine hem görelde bolandyklaryny nygtamak gerek. Kerki etrabynyň «Gyzylaýak» we «Hatap», Halaç etrabynyň Magtymguly adyndaky we «Güneş», Saýat etrabynyň S.A.Nyýazow adyndaky, Çärjew etrabynyň «Amyderýa» we «Watan» daýhan birleşikleriniň gallaçylary welaýatda ilkinjileriň hatarynda şertnamalaýyn borçnamalaryny amal etdiler. Kärendeçilerdir daýhan hojalyklarynyň arasynda her gektardan 50 — 60 sentnerden geçirip hasyl tabşyranlary barmak büküp sanardan kän.

Ýer gaznalarynyň döredilip, tarp ýerleriň özleşdirilmegi welaýatda galla, pagta ýaly ekinleriň ýetişdirilişine oňyn täsirini ýetirdi. Netijede, Köýtendag we Hojambaz etraplarynyň çäklerindäki düzlüklerde ekilen ekinlerden alynýan hasyl ýylyň-ýylyna artmak bilen. Lebaply gallaçylaryň gazanan zähmet üstünliginde bu düzlüklerde ekin ýetişdirýän daýhan hojalyklarynyň hem goşandy uludyr.




*Agageldi ITALMAZOW.*
*(Öz habarçymyz).*

## «Çuwal doly ak bugdaý...»

***Mukaddes çörek. Ol edil howa, suw we güneş ýaly ýaşaýyş üçin iň zerur zatlaryň biri. Bugdaý Adam atanyň ilkinji eken ekini hasaplanýar. Galla garaşsyzlygy aňrybaş döwletliligiň, rysgallylygyň we rowaçlygyň gönezligidir. «Çöregini tapýan», «öz çöregini iýip ýören», «çuwaly doly», «duz-çörekli», «çöregi bitin» ýaly aýtgylar halkymyzyň bugdaýa — çörege näderejede uly sarpa goýýandygyny görkezýär.***

**M**ary welaýatynda hem Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynyň orak möwsümi üstünlikli tamamlandy. Geçen güýzde welaýat boýunça 170 müň gektar meýdana bugdaý ekildi. Şonça meýdandan 345 müň tonna bugdaý öndürmäge borçlanan gallaçylar ideg işlerini agrotehniki talaplara laýyklykda alyp bardylar hem-de orak möwsümine has guramaçylykly girişdiler.

Galla oragy üçin taýýarlanan 400-e golaý ýokary öndürijilikli kombaýnlaryň her biri netijeli ulanyldy. Işiň bökdençsiz guralmagyna mehanizatorlaryň hünär taýýarlyklary, ýerlerde döredilen 100-den gowrak göçme abatlaýyş-mehaniki toparlar hem oňat ýardam etdiler. Kombaýnçylaryň arasynda yglan edilen bäsleşigiň deslapky maglumatlaryna görä, olaryň öndürijiligi öňki ýyllardakydan has ýokary. Garagum etrabyndan Tirkiş Berdiýew 650 gektaryň, Murgap etrabyndan Çary Agaýew 610 gektaryň hasylyny öz kombaýnlary bilen ýygnamagy başardylar.

Şu ýylky orak möwsüminde hasyl daşamakda ulag kärhanalaryna degişli we hususy eýeçilikdäki ulaglaryň 1500-den gowragy şertnama esasynda ulanyldy. Orak alnyp barylmaly meýdanlar saýlananda, möwsüme taýýarlanan 45 sany galla kabul ediş nokatlarynyň her biriniň mümkinçilikleri nazara alyndy, galla daşaýan ulaglaryň uzak eglenmezligi üpjün edildi.

«Marygallaönümleri» önümçilik birleşiginiň maglumatlaryna görä, welaýatda bugdaý meýdanynyň her gektarynyň hasyllylygyny 40 — 60 we ondan-da gowrak sentnere ýetiren aýry-aýry kärendeçiler, daýhan hojalyklary we birleşikleri bar. Sakarçäge etrabyndan «Watana bolan söýgüsi üçin» we «Gaýrat» medallarynyň eýesi Rejepgeldi Şajaýew tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän «Kuwwatly» hojalyk jemgyýetiniň gallaçylary 200 gektardan 900 tonnadan gowrak däne ýygnap, her gektaryň hasyllylygyny 45 sentnere ýetirdiler.

Baýramaly etrabyndan telekeçi Magtymguly Baýramowyň 211 gektardan ýygnan galla hasyly 752 tonna ýetdi. Munuň özi her gektardan ortaça 40 sentner bugdaý öndürilendigini aňladýar. Ýolöten etrabyndan Ahmet Rahyýew tarapyndan ýolbaşçylyk edilýän «Merdem zähmetkeş» daýhan hojalygy 138 gektardan 632 tonna bugdaý ýygnady. Bu hojalykda hem her gektaryň hasyllylygy 45 sentnere ýetdi. Bugdaý hasylyny ýygnamakda Baýramaly, Tagtabazar we Murgap etraplarynyň gallaçylary oragyň başyndan bäri öňdeligi saklap gelýärler. Baýramaly etrabyndan «Bereket», «Täze durmuş» we Agaýusup adyndaky daýhan birleşikleri, Tagtabazar etrabyndan «Marçak» daýhan birleşigi we «Gözel ýaýla» açyk görnüşli paýdarlar jemgyýeti, Murgap etrabyndan «Ýalkym» daýhan birleşigi galla öndürmek baradaky şertnamalaýyn borçnamalaryny has artygy bilen berjaý etmegi başardylar. Indiki wezipe — ýygnalan gallany guratmakdan, arassalamakdan, ygtybarly saklamakdan, un we dürli çörek-unaş önümleri görnüşinde halkymyzyň saçaklaryna ýetirmekden ybarat. Bu babatda döwletimiz tarapyndan ähli şertlerdir mümkinçilikler döredildi. Welaýatymyzyň «galla çuwallary» — elewatorlar hasyly doly kabul etmäge irgözinden taýýar edildi. Olardan başga-da, 250 müň tonna gallany ýerleşdirip boljak 45 sany abzallaşdyrylan ammarlarymyz taýýar. 12 sany ýöriteleşdirilen bassyrmalar hem 30 müň tonna golaý hasyly uzak möhletiň dowamynda ygtybarly saklamaga mümkinçilik berýär.

Daýhan üçin aladalara gutarma ýok. Maryly gallaçylar hem şu günlerden täze jogapkärli möwsüme — güýzlük bugdaýyň ekişine taýýarlyk görýärler. Ak ekine niýetlenen 170 müň gektar meýdany şüdügärlemek, tekizlemek işleri ýokary depginde alnyp barylýar. Geljekki hasylyň bitginli bolmagy üçin, ilkinji nobatda, sagdyn, ýokary gögerijilikli we toprak-howa şertlerine uýgunlaşan tohumlary saýlap almagyň wajypdygyna gowy düşünýän gallaçylar bu meseläni hem birjik-de ünsden düşürmeýärler. Bugdaý tohumlarynyň ýokary arkalaryny taýýarlamak işleri ýörite tohumçylyk synag hojalyklary tarapyndan alnyp barylýar.

Gallamyz nesip etsin, toýly günlerimize ýarasyn, ýyllarymyzyň berekedi egsilmesin, mähriban ildeşler!

*Güljemal NAZAROWA,*
*Türkmenistanyň Agrar partiýasynyň Mary welaýat komitetiniň bölüm müdiri.*

TEBIGAT

# ÝAPRAKLARYŇ PYŞYRDYSY

***Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Döwlet merkezi botanika bagy diňe bir baglaryň, gülleriň, dürli ösümlikleriň jemlenen ýeri däl, bu ýer tebigatyň öz geçmişi, ýapraklaryň bolsa şu gün barada söhbet edýän mekany. Bu ýerde her agajyň, her gülüň öz taryhy, ysy, reňki, aýtmak isleýän zady bar. Säher öwüsýän şemal bolsa ýapraklaryň pyşyrdysyny şäheriň içine alyp gidýär...***

Bu ýerde alnyp barylýan işler bilen tanyşmak isläp, Botanika bagyna baranymyzda, bize baglaryň, gülleriň diline düşünýän hünärmenler ýolbelet boldular. Türkmenistanyň Oba hojalyk ministrliginiň Döwlet merkezi botanika bagynyň başlygy Kuwwatbaý Gylyçmyradow «1902-nji ýylda oturdylan» diýlip bellik edilen Gündogar ýasy şahalysynyň ýanynda söhbede başlady:

— Botanika bagynyň düýbi 1929-njy ýylda tutulýar. Bu ýeriň düýbi tutulanda ozal bar bolan bagly meýdança saýlanyp alynýar. Biologiýa ylymlarynyň kandidaty Hurmagül Esenowanyň «Botanika bagy döredilende, ýaş gyzdyk. Şu bag şondada uly agaçdy» diýeni ýadymda. Bagyň döredilen gününden bäri, Ýer şarynyň ähli ýerlerinden getirilip, uýgunlaşma barlagyndan geçen ösümliklerden ýerli şertlere durnuklylyk, bezeg aýratynlygy bilen tapawutlanan görnüşleri saýlanyp alnyp, hünärmenler tarapyndan baý ösümlik ýygyndysy toplandy. Toprak-howa şertleri nazarda tutulyp, gurakçylyga, sowuga, yssa durnukly bolan gymmatly ösümlik görnüşleri ýurdumyza getirilýär we uýgunlaşdyrmak işleri dowam edýär. Olaryň bioekologik aýratynlyklary ylmy esasda öwrenilýär. Şolaryň hatarynda ýaşyl arizon serwisi, eldar we gara sosna, kallistemon ýaly görnüşleriň bardygyny bellemek gerek.

Kuwwatbaý Gylyçmyradowyň her sözüni makullaýan ýaly görünýän ýapraklaryň ygşyldysy gulagymyza ygşyldy däl-de, gürrüňçilige goşulanyň pyşyrdysy bolup eşidildi.

* * *

18,5 gektar meýdany eýeleýän bag barada aýtmak isleýän zatlaryňy bir makalanyň çägine sygdyrmak mümkin däl. Öz işiniň ussatlary bir ýere jemlenen bagyň her bir ösümliginiň aýratyn alada bilen gurşalandygyny her bir ädimde duýmak bolýar. Ýodalar bilen ýöräp barşyňa oýlara berleniňi duýman galýarsyň. Şäher şowhunynyň içinde diňe ýapraklaryň pyşyrdaşyp söhbet gurýan ýeri bar: Botanika bagy!



Muny dörediýänler bolsa baglaryň, ösümlikleriň, ýapraklaryň arasyndaky tebigatyň diline düşünýän adamlar — alymlar, hünärmenler. Olar bu bagyň her bir daban ýeri, her bir ösümligi, her bir ýapragy bilen tanyş. Şonuň üçin ýapraklaryň olary gören wagtyndaky pyşyrdysy ýöne ýere däl. Ýekeje ýapragyň ýere düşmegi, bir gülüň wagtyndan ir solmagy olar üçin duýduryş — tebigatyň ýollan habary. Hünärmenler şol habary «okaýarlar», bellige alýarlar we çykalga agtarýarlar. Elbetde, jogap hem tapýarlar. Şonuň üçin olaryň yhlasy bu ýerdäki her bir ýaprakda, her bir gülde görünýär. Ana, şonuň üçinem bu ýer şeýle owadan, şeýle sapaly, şeýle ýürege ýakyn.

*Şäher şowhunynyň içinde diňe ýapraklaryň pyşyrdaşyp söhbet gurýan ýeri bar: Botanika bagy! Muny dörediýänler bolsa baglaryň, ösümlikleriň, ýapraklaryň arasyndaky tebigatyň diline düşünýän adamlar — alymlar, hünärmenler. Olar bu bagyň her bir daban ýeri, her bir ösümligi, her bir ýapragy bilen tanyş. Şonuň üçin ýapraklaryň olary gören wagtyndaky pyşyrdysy ýöne ýere däl. Ýekeje ýapragyň ýere düşmegi, bir gülüň wagtyndan ir solmagy olar üçin duýduryş — tebigatyň ýollan habary. Hünärmenler şol habary «okaýarlar», bellige alýarlar we çykalga agtarýarlar. Elbetde, jogap hem tapýarlar. Şonuň üçin olaryň yhlasy bu ýerdäki her bir ýaprakda, her bir gülde görünýär. Ana, şonuň üçinem bu ýer şeýle owadan, şeýle sapaly, şeýle ýürege ýakyn.*







* * *

Botanika bagynyň bölüm müdiri Gülzar Bazarowa bizi ýyladyşhana şertlerinde saklanýan ösümlikler bilen tanyşdyrdy. Hünärmeniň aýdýan zatlaryny ýetişibildigiňden belleýärsiň, düşünmedik zatlaryňy gaýtadan soraýarsyň, ol bolsa soralýan zatlaryň jogabyny niredendir bir ýerden okaýan ýaly, ýene bir ýola sözme-söz gaýtalap berýär. Işini söýýän adam bilen gürrüňdeşlik gyzykly bolýar.

Bagyň ýyladyşhanasynda ösümlikler, umumy kabul edilen ekologik-geografik esas boýunça ýerleşdirilen: tropik bölüm, subtropik bölüm we sukkulent bölümi. Her bölümde bir geografik zolagyň ösümlikleri bar. Tropik, subtropik ösümlikleriň ýyladyşhanalarynda fikuslaryň 10, palmalaryň 8, aloeniň 10, pelargoniýanyň 4 görnüşiniň bardygy aýratyn bellärliklidir.

Biz gürrüňdeşligi palma agaçlarynyň ösdürilýän ýyladyşhanasynda dowam etdirýäris.

— Botanika bagynyň alymlary tarapyndan palma agaçlaryny Türkmenistanyň açyk toprak şertlerine uýgunlaşdyryp,



ösdürip ýetişdirmek barlag işi, baryp-ha, 1935-nji ýylda ýurdumyzyň günorta-günbatarynda ýerleşen Balkan welaýatynyň Gyzyletrek (häzirki Etrek) tejribe stansiýasynda başlanypdyr. Bu ýer Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygyna girýän ýurtlaryň arasynda açyk toprakda, sowukdan goragsyz şertlerde palmalaryň miwe getirýän ýeke-täk ýeri hasaplanypdyr. Palmalar maşgalasynyň 15 görnüşiniň uýgunlaşdyrma synanyşyklary Botanika bagynda 1962-nji ýylda A.G.Kozlowa tarapyndan başlanypdyr. Häzirki wagtda hem palmalar bilen barlag işleri dowam etdirilýär — diýip, Gülzar Bazarowa gürrüň berýär.

Hünärmeniň bellemegine görä, hut şu ýerde geçirilen işleriň netijesinde Türkmenistanda ilkinji gezek banany ýyladyşhana şertlerinde ösdürip ýetişdirmegiň we olary köpeltmegiň wegetatiw usuly işlenilip düzülipdir. Banan häzirki wagtda bagyň kolleksiýasynyň düzüminde saklanylýar we onuň oňyn ösüşine gözegçilik edilýär.

Fotohabarçymyz gysga boýly banana ideg edip duran Maral Seräýewany surata düşürýär. Tropik, subtropik miweli ösümlikler we sogan düýpli gülli ösümlikler bilen iş alyp barýan hünärmeniň yhlasy bilen ösüp oturan baglaryň ýapraklary lowurdap durdy. Olaryň bir zatlar aýtmak isleýän ýaly görünýändigi ünsümi çekdi. Içimden baglar özlerine edilýän idegden razy bolmaly diýýän.

— Laborantlar Ogulnabat Annanyýazowa, Bibigül Muhammetalyýewa köp ýyllaryň dowamynda toplan iş tejribesiniň esasynda bu ugurdan kämil hünärmen derejesine ýetdi. Ol ylmy işgärleriň alyp barýan ylmy-barlaglaryndaky bezeg ösümlikleriniň biologik, ekologik aýratynlyklaryna baglylykda ekmek, ideg etmek işlerini talabalaýyk ýerine ýetirýär — diýip, Gülzar Bazarowa bagda iş alyp barýan hünärmenler bilen tanyşdyrýar.

Biologik gözegçilikler we tohumlar banky barlaghanasynyň uly ylmy işgärleriniň aladasy bilen her bir ýyladyşhana, meýdança özboluşly ömür sürýär. Şol ýerlerde barlaghananyň birýyllyk, ikiýyllyk, köpýyllyk ösümlikleriniň kolleksiýasyna jogapkär Maýa Bäşimowanyň, tropik, subtropik ösümlikleriň kolleksiýasyna jogapkär Ýekaterina Kuroşinanyň, bägülleriň kolleksiýasyna jogapkär, fikus, bemeriýa, duranta ýaly ösümlikleriň wegetatiw usulda köpelme işlerine seredýän Ahmet Ataýewiň yhlaslary görnüp dur.

Barlaghanada açyk meýdan bezeginde ulanylýan bir, iki we köpýyllyk gül ösümliklerden, şeýle-de, ýyladyşhanalarda tropik, subtropik bezeg we miweli ösümlik görnüşlerinden kolleksiýa ýygyndysynda 311 görnüş toplanandyr. 4,5 gektara barabar ýerli floranyň meýdançalarynda bolsa gysga hem-de uzak wagtlap ösýän dürli ekobiomorflary (ýaşaýyş formalary) bolan seýrek duş gelýän endemik we ýitip barýan birnäçe ösümlikler ýurdumyzyň ýerli florasyndan getirilip medenileşdirildi. Olardan türkmen selmelegi, çigildem, sogan düýpli ösümlikleriň birnäçe görnüşleri, alwan, ýowşanlar we başgalar bar.

Bu ýerde orta we ýokary hünär okuw mekdepleriniň talyplary hem öz ugurlary boýunça nazaryýetde alan bilimlerini amalyýetde kämilleşdirip, ösümlikleri haýsy usulda, nähili ýagdaýda ýetişdirmelidigini, olary ylmy esasda köpeltmegiň ugurlaryny özleşdirýärler. Halypa mugallymlaryň ýolbaşçylygynda ösümliklere gözegçilik edip, baý tejribe toplaýarlar.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

* * *

Her bir şäheriň öz ýüregi bolýar: käte ol gadymy binalarda, käte-de gadymy köçäniň bir gyrasynda oturan garry agaçlaryň şemal bilen gepleşýän sesinde... Emma





bu ýürekleriň iň syra baýy Botanika bagydyr. Onuň girelgesinden içine giren her bir adam diňe bir baga däl, uly bir dünýä aralaşýar. Bu ýerde adamlar diňe aýaklary bilen däl, ýürekleri bilen gezim edýärler. Ýapraklaryň biri syr saklaýan ýaly ýapyk, ýene biri göwnaçyk kişi kysmy, ýene biri bolsa geçmişden galan hat ýaly solgun. Olaryň hemmesi janly, olaryň her biri öz diňleýjisine garaşýar. Bu ýerde her agajyň, her gülüň öz ýaşan ömür taryhy, diňe özüne mahsus ysy, reňki, aýtmak isleýän zatlary bar. Säher öwüsýän şemal ýapraklaryň pyşyrdysyny şäheriň içine alyp gidýär. Olaryň aýtmak isleýän zatlaryny eşiden her bir adam bolsa Botanika bagyna gitmegi ýüregine beslär...

*Allanur ÇARYÝEW.*
*«Türkmenistan».*
Surata düşüren Ilaman ÇÜRIÝEW.

SPORT

# *Bir ýaryşdan 19 medal!*

***Uly ýaşly türgenlerimiziň göreldesine eýerip, ýurdumyzyň ýetginjek we ýaş agyr atletikaçylary hem halkara ýaryşlarda üstünlikli çykyş edýärler. Ýakynda olar Gazagystanyň Almaty şäherinde geçirilen Aziýanyň çempionatynda dürli derejeli medallaryň 19-syna mynasyp boldular.***

Gazanylan üstünlikde ýaşlaryň arasynda 86 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Anamjan Rustamowanyň paýy aýratyn uly. Türkmen döwlet



bedenterbiýe we sport institutynda talyplygynyň ilkinji ýylyny tamamlan ezber türgen ştangany itekläp galdyrmakda we iki görnüşiň jemi boýunça altyn medala mynasyp boldy. Ol ýaryşda ýygyndymyzyň gazanan 5 sany kümüş medalynyň hem birini adyna ýazdyrdy.

Agyrlygy silterläp galdyrmakda 105 kilogramy eýgeren Anamjan altyn medalyň eýesinden biraz yza galdy. Ýöne ikinji görnüşde 140 kilogram agyrlygy depesine göteren Anamjan ähli bäsdeşlerini yzda galdyryp, hormat münberiniň birinji basgançagyna çykdy. Onuň bu netijesi umumy üstünligine hem täsirini ýetirdi. Bu agram derejesinde türkmenistanly türgenden başga hiç bir agyr atletikaçy iki görnüşiň jemi boýunça 245 kilogramlyk netijäni görkezip bilmedi. Bu bolsa onuň öz agram derejesinde ýaşlaryň arasynda Aziýanyň çempiony bolmagyna getirdi.

Ýeri gelende aýtsak, gürrüňi edilýän Aziýa çempionatynda mynasyp bolnan medallary 8 türgenimiz gazandy. Şeýle netije olaryň aglabasynyň üç medala mynasyp bolandygyny görkezýär. Has takygy, Anamjan Rustamowadan başga-da, ýetginjek gyzlaryň arasynda 53 kilograma çenli agram derejesinde Aşgabat şäherindäki 104-nji orta mekdebiň okuwçysy Ogulşat Amanowa 3 sany bürünç, ýaşlaryň arasynda 63 kilograma çenli agram derejesinde Ogulşadyň dogany, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby Medine Amanowa hem 3 bürünç, ýetginjek oglanlaryň arasynda 71 kilograma çenli agram derejesinde Sakarçäge etrabyndaky 34-nji orta mekdebiň okuwçysy Kakamyrat Annamyradow 1 kümüş, 2 bürünç, 79 kilograma çenli agram derejesinde Türkmenistanyň «Olimp» orta sport mekdebiniň okuwçysy Didarbek Jumabaýew 3 kümüş, ýene şu ýaş derejesindäki oglanlaryň arasynda 94 kilograma çenli agram derejesinde Mary şäherindäki 35-nji orta mekdebiň okuwçysy Yslam Akmyradow 1 bürünç, ýetginjek gyzlaryň arasynda 77 kilograma çenli agram derejesinde Akdepe etrabyndaky 100-nji orta mekdebiň okuwçysy Asal Kerimberdiýewa hem 1 bürünç, şeýle hem ýaşlaryň arasynda 110 kilograma çenli agram derejesinde Türkmenistanyň Agyr atletika Milli federasiýasynyň türgeni Süleýman Jafarow 2 bürünç medal bilen gazanylan üstünlige goşant goşdular.

Yklymyň 23 döwletinden 200-e golaý agyr atletikaçynyň gatnaşmagynda geçirilen ýaryşyň netijeleri ýurdumyzda sportuň bu görnüşini ösdürmäge berilýän ünsüň miwesidir.

*(Ýörite habarçymyz).*

## Hormatly okyjylar!

**2025-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň tertibi gazetimiziň şu günki sanynda 12 sahypa möçberinde goşundy görnüşinde çap edilýär.**

## JEMGYÝETÇILIK KABUL EDIŞLIGI

19-njy iýulda Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň, Baş prokuraturasynyň, Ýokary kazyýetiniň işgärleriniň we Aşgabat şäher adwokatlar kollegiýasynyň agzalarynyň gatnaşmaklarynda hukuk meseleleri boýunça raýatlaryň jemgyýetçilik kabul edişligi geçirilýär.

**Kabul edişlik Aşgabat şäheriniň Arçabil şaýolunyň 150-nji jaýynda — Türkmenistanyň Adalat ministrliginiň binasynda sagat 9:00-dan 12:00-a çenli geçirilýär.**
**Telefon belgileri: 39-19-20, 39-19-21.**

## *TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ ÝANYNDAKY DÖWLET GULLUGY AKADEMIÝASY*

### *2025/2026-njy okuw ýyly üçin magistr bilim maksatnamasy boýunça taýýarlygyň aşakdaky ugurlaryna talyplyga kabul edýär:*

I. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (taýýarlygyň ugry: **ylym we bilim işlerini dolandyrmak).**

II. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugurlary: **sanly dolandyryş; döwlet dolandyryş; işgärleri dolandyrmak).**

III. Hukuk işi (taýýarlygyň ugry: **konstitusiýa hukugy; administratiw hukugy; maglumat hukugy).**

Okuwlar türkmen dilinde geçirilýär we tölegli esasda alnyp barylýar.

Akademiýa taýýarlygyň «Ylym we bilim işlerini dolandyrmak» ugry boýunça ylym we bilim çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Sanly dolandyryş» ugry boýunça kompýuter tehnologiýalary çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Döwlet dolandyryş» we «Işgärleri dolandyrmak» ugurlary boýunça ykdysadyýet we dolandyryş çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, taýýarlygyň «Konstitusiýa hukugy», «Administratiw hukugy» we «Maglumat hukugy» ugurlary boýunça hukuk çygrynda ýokary bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— ýokary bilim baradaky resminamanyň we goşundysynyň asyl nusgalary (daşary ýurt döwletinde berlen ýokary bilim hakyndaky resminama onuň Türkmenistanda ykrar edilendigi baradaky şahadatnamasy goşulýar);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— magistr maksatnamasy boýunça okuwa girmegiň maksadynyň beýany (beýan türkmen dilinde ýazylmaly we 500 sözden köp bolmaly däl).

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da ýazylyş şahadatnamasyny we ýaşaýan ýeri boýunça harby wekillikden güwähatyny.

Akademiýanyň resminamalary kabul edýän iş topary zerur bolan ýagdaýynda dalaşgärden goşmaça maglumatlary sorap biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** akademiýada (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň 29 — 31-nji iýuly aralygynda geçirilýär.

**Giriş synaglary** ýokary bilimiň okuw maksatnamasy esasynda şu aşakdaky dersler boýunça döwlet dilinde geçirilýär:

taýýarlygyň ugry: **«Ylym we bilim işlerini dolandyrmak»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Sanly dolandyryş»** — kompýuter sowatlylygy, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Döwlet dolandyryş»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Işgärleri dolandyrmak»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Konstitusiýa hukugy»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Administratiw hukugy»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary;

taýýarlygyň ugry: **«Maglumat hukugy»** — jemgyýetçilik ylymlarynyň esaslary, Türkmenistanda döwletiň we hukugyň esaslary.

Bellenilen wagtda giriş synagyna esassyz sebäplere görä gelmediklere goşmaça mümkinçilik berilmeýär.

Giriş synaglarynyň netijeleri boýunça magistr maksatnamasyna talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan saýlan taýýarlygynyň ugry boýunça 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar peýdalanýarlar.

**Türkmenistanyň Prezidentiniň ýanyndaky Döwlet gullugy akademiýasynyň salgysy: Aşgabat şäheri, Bagtyýarlyk etraby, Görogly köçesi, 88, tel.: 39-37-43, 39-37-44.**

TÜRKMENISTAN
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti
Gazet 1920-nji ýylyň 29-njy iýulyndan bäri çykýar.

Baş redaktor Kakamyrat REJEBOW

**REDAKSIÝANYŇ SALGYSY:** Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly, 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany.
**TELEFON BELGILERI:** kabulhana: 38-60-88, 39-96-99; baş redaktoryň orunbasary: 39-95-06; jogapkär kätip: 39-95-67; kätiplik: 39-95-68;
**BÖLÜMLER:** döwlet we jemgyýetçilik durmuşy: 39-95-96; kanunçylyk we halkara gatnaşyklar: 39-95-76; oba özgertmeleri, senagat we ekologiýa: 39-95-94; sanly ykdysadyýet we telekeçilik: 39-95-75; medeniýet, sungat, taryh we edebiýat: 39-95-73; ylym-bilim we ýaşlar durmuşy: 39-95-95; saglyk, sport, syýahatçylyk we tebigat: 39-95-71; mahabatlar we bildirişler: 39-95-69; hat-habarlar: 39-95-68. Faks belgisi: 75-18-35.
**WELAÝATLARDAKY HABARÇYLARYMYZ:** Ahalda: (+993137) 3-70-03; Balkanda: (+993222) 6-25-75; Daşoguzda: (+993322) 7-00-57; Lebapda: (+993422) 3-26-83; Maryda: (+993558) 6-62-48.
**ELEKTRON SALGYSY:** turkmenistan-gazeti@sanly.tm
**Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**
Redaksiýa gelen golýazmalar we fotosuratlar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär. «Türkmenistan» gazetinden makalalar, eserler, fotosuratlar göçürilip çap edilende, gazete salgylanmak hökmandyr. Indeksi — 69460. Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Gazet Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Ölçegi A-2, möçberi 10 ç.k. A-116699 Nusgasy 24000 sany.
**Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefon belgisi: 39-95-36.**

4 833001 500011



Bahasy 1 manat 50 teňňe.

# 2025-nji ýylda Türkmenistanyň ýokary we orta hünär okuw mekdeplerine okuwa kabul etmegiň TERTIBI

## *MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI*

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär:*

**I. Hünärmen maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Matematika we mehanika (hünärler: **matematika; amaly matematika we informatika).**
2. Fizika we astronomiýa (hünärler: **fizika; radiofizika we elektronika; astronomiýa).**
3. Biologiýa ylymlary (hünär: **biologiýa**).
4. Himiýa (hünär: **himiýa**).
5. Ýeri öwreniş ylymlary (hünärler: **geografiýa; kartografiýa; meteorologiýa; ekologiýa**).
6. Psihologiýa ylymlary (hünär: **psihologiýa**).
7. Filosofiýa, etika we dini öwreniş (hünär: **filosofiýa**).
8. Ylahyýet (hünär: **ylahyýet**).
9. Syýasy ylymlar we sebiti öwreniş (hünärler: **syýasaty öwreniş; Gündogary öwreniş**).
10. Dil bilimi we edebiýaty öwreniş (hünärler: **türkmen dili we edebiýaty; iňlis dili we edebiýaty; nemes dili we edebiýaty; fransuz dili we edebiýaty; italýan dili we edebiýaty; arap dili we edebiýaty; türk dili we edebiýaty; pars dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty**).
11. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi (hünär: **žurnalistika**).

**II. Hünärmen maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Matematika we mehanika (hünärler: **matematika; amaly matematika we informatika**).
2. Fizika we astronomiýa (hünärler: **fizika; radiofizika we elektronika**).
3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (hünär: **maglumat ulgamlary we tehnologiýalary**).
4. Biologiýa ylymlary (hünär: **biologiýa**).
5. Himiýa (hünär: **himiýa**).
6. Psihologiýa ylymlary (hünär: **psihologiýa**).
7. Taryh we arheologiýa (hünärler: **taryh; arheologiýa**).
8. Dil bilimi we edebiýaty öwreniş (hünärler: **türkmen dili we edebiýaty; iňlis dili we edebiýaty; rus dili we edebiýaty**).
9. Hukuk işi (hünär: **hukuk öwreniş**).

**III. Bakalawr maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Sosiologiýa we durmuş işi (taýýarlygyň ugry: **durmuş işi**).

**IV. Bakalawr maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (taýýarlygyň ugurlary: **pedagogika bilimi (matematika we informatika); pedagogika bilimi (informatika we bilimde maglumat tehnologiýalary); pedagogika bilimi (geografiýa we ykdysadyýetiň esaslary**).

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat ş.) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat we Arkadag şäherleri — iýul aýynyň 30-31-i, awgust aýynyň 1-i we 2-si;
Mary welaýaty — awgust aýynyň 3-4-i, 5-i we 6-sy günleri;
Balkan welaýaty — awgust aýynyň 7-si, 8-i we 9-y günleri;
Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 10-11-i, 12-si we 13-i günleri;
Ahal welaýaty — awgust aýynyň 14-15-i, 16-sy we 17-si günleri;
Lebap welaýaty — awgust aýynyň 18-i, 19-y we 20-si günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

hünärler: **matematika; amaly matematika we informatika; maglumat ulgamlary we tehnologiýalary;** taýýarlygyň ugurlary: **pedagogika bilimi (matematika we informatika); pedagogika bilimi (informatika we bilimde maglumat tehnologiýalary)** — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **fizika; radiofizika we elektronika; astronomiýa** — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **biologiýa** — biologiýa, himiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **himiýa** — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **geografiýa; ekologiýa** — geografiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **kartografiýa; meteorologiýa;** taýýarlygyň ugry: **pedagogika bilimi (geografiýa we ykdysadyýetiň esaslary)** — geografiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **psihologiýa** — biologiýa, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **taryh; arheologiýa; Gündogary öwreniş; syýasaty öwreniş; filosofiýa; ylahyýet;** taýýarlygyň ugry: **durmuş işi** — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş;

hünärler: **türkmen dili we edebiýaty; žurnalistika** — türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

hünärler: **iňlis dili we edebiýaty; nemes dili we edebiýaty; fransuz dili we edebiýaty; arap dili we edebiýaty; türk dili we edebiýaty; pars dili we edebiýaty; hytaý dili we edebiýaty** — saýlap alan hünär dili boýunça ýa-da iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **italýan dili we edebiýaty** — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **rus dili we edebiýaty** — rus dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **hukuk öwreniş** — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil boýunça geçilýän derslerden başga ähli okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan:**

— mugallymçylyk mekdebini tamamlan we mugallymçylyk ugrundan 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar **(mugallymçylyk ugurly hünärlere girilen halatynda);**
**— hukuk öwreniş hünärine** girýänler üçin hukuk goraýjy edaralarda 2 ýyldan az bolmadyk iş tejribesi hem-de şol edaralaryň döwlet we welaýat derejesindäkilerinden hödürnamasy bolanlar;
— «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýänler peýdalanýarlar.

**Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 31,**
**tel.: 94-69-90, 94-54-29.**

## *MYRAT GARRYÝEW ADYNDAKY TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET LUKMANÇYLYK UNIWERSITETI*

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär:*

**I. Hünärmen maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Kliniki lukmançylyk (hünärler: **pediatriýa; stomatologiýa).**
2. Saglyk baradaky ylymlar we keselleriň öňüni alyş lukmançylygy (hünärler: **saglygy goraýyş-öňüni alyş işi; dikeldiş we sport lukmançylygy).**
3. Harby lukmançylyk (hünär: **bejeriş-öňüni alyş işi**).

**II. Hünärmen maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Kliniki lukmançylyk (hünär: **bejeriş işi**).
2. Farmasiýa (hünär: **farmasiýa**).

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary, harby lukmançylyk ugruna — çagyryş boýunça harby gullugy geçen, 24 ýaşy dolýança erkek raýatlary ýa-da Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň ýöriteleşdirilen harby mekdeplerini tamamlan, 25 ýaşy dolýança erkek raýatlary, şeýle hem borçnama boýunça harby gullugy geçýän, ofiser harby ady bolmadyk, 24 ýaşy dolýança erkek harby gullukçylary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýar.

Harby lukmançylyk ugruna okuwa girmäge isleg bildiren dalaşgär ýokarda görkezilen resmi iş kagyzlaryndan başga-da:

— ene-atasynyň oglunyň harby gullukçy bolmagyna we ýokary okuw mekdebini tamamlanyndan soň Türkmenistanyň islendik künjeginde harby gullugy geçmekligine razylygy baradaky dil hatyny;
— Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň Maglumatlar merkezinden berlen güwänamany;
— Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Merkezi harby saglyk öýünden berlen ýokary harby okuw mekdeplerine girýänleriň lukmançylyk güwä geçmesiniň kartasyny tabşyrýar.

Türkmenistanyň Goranmak ministrliginiň Merkezi harby saglyk öýünde gutarnykly güwä geçmesinden geçmek üçin hemişelik ýaşaýan ýerindäki psihonewrologiýa, narkologiýa, inçekesele garşy we deri-wenerologiýa hassahanalaryndan, şeýle hem maşgala lukmanyndan sagaldyş gözegçiliginde durmaýandygy baradaky kepilnamalar zerur.

Harby lukmançylyk ugruna okuwa kabul etmekligiň şertleri baradaky goşmaça maglumaty Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň kabul ediş toparyndan alyp bolar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat ş.) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat we Arkadag şäherleri — iýul aýynyň 30-31-i, awgust aýynyň 1-i we 2-si günleri;
Balkan welaýaty — awgust aýynyň 3-i, 4-i we 5-i günleri;
Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 6-7-si, 8-i we 9-y günleri;
Lebap welaýaty — awgust aýynyň 10-11-i, 12-si we 13-i günleri;
Mary welaýaty — awgust aýynyň 14-15-i, 16-sy we 17-si günleri;
Ahal welaýaty awgust aýynyň 18-19-y, 20-si we 21-i günleri.

**Giriş synaglary** ähli hünärler boýunça biologiýa, himiýa, Türkmenistanyň taryhy derslerinden geçirilýär.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda, döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Harby lukmançylyk ugruna okuwa girmäge isleg bildiren dalaşgärler beden taýýarlygy boýunça kadalary (möçbernamalary: 100 m, 3 km ylgamak; göwräňi çekmek) ýerine ýetirýärler.

Saýlap alan hünärine durnuklydygyny kesgitlemek maksady bilen, dalaşgärler patologoanatomik edaranyň işi bilen tanyşdyrylar.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan:**

— lukmançylyk orta okuw mekdeplerini tamamlan we saglygy goraýyş edaralarynda 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar;
— «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň**
**Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., A.Gowşudow köçesi, 58, tel.: 92-71-09.**

## *ÝAGŞYGELDI KAKAÝEW ADYNDAKY HALKARA NEBIT WE GAZ UNIWERSITETI*

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär:*

**I. Hünärmen maksatnamasy:**

1. Amaly geologiýa, dag işi, nebitgaz işi we geodeziýa (hünärler: **nebit-gaz känlerini özleşdirmek we ulanmak; nebit we gaz guýularyny burawlamak; nebitgazgeçirijilerini we nebitgazyň saklanýan ýerlerini taslamak, gurmak we ulanmak; nebitiň we gazyň geologiýasy; gidrogeologiýa we inžener geologiýasy; geologiki kartalaşdyrma we magdan ýataklarynyň gözlegi; peýdaly magdanlary gözlemegiň we barlamagyň geofiziki usullary; markşeýder işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlary baýlaşdyrmak).**
2. Himiýa tehnologiýalary (hünär: **nebiti we gazy gaýtadan işlemegiň himiki tehnologiýasy**).
3. Tehnosfera howpsuzlygy we tebigaty abadanlaşdyryş (hünär: **daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak)**.
4. Maşyngurluşyk (hünär: **sowadyjy, kompressor maşynlary we desgalary**).
5. Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary (hünär: **nebitgaz desgalary we senagat gurluşygy**).
6. Elektrik we ýylylyk energetikasy (hünärler: **senagat desgalarynyň we tehnologik toplumlaryň elektrohereketlendirilişi hem-de awtomatikasy (nebitgaz pudagynda); gazturbina desgalary we gazkompressor stansiýalary**).

**II. Bakalawr maksatnamasy:**

1. Amaly geologiýa, dag işi, nebitgaz işi we geodeziýa (taýýarlygyň ugry: **dag işi**).
2. Tehniki ulgamlarda dolandyryş (taýýarlygyň ugry: **standartlaşdyrmak we metrologiýa (nebitgaz pudagynda**).
3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugurlary: **maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (nebitgaz pudagynda); kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi (nebitgaz pudagynda**).
4. Maglumat howpsuzlygy (taýýarlygyň ugry: **maglumat howpsuzlygy (nebitgaz pudagynda**).
5. Maşyngurluşyk (taýýarlygyň ugry: **tehnologiki maşynlar we enjamlar (nebitgaz pudagynda**).
6. Elektrik we ýylylyk energetikasy (taýýarlygyň ugry: **elektroenergetika we elektrotehnika (nebitgaz pudagynda**).
7. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugry: **nebitgaz pudagynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; işgärleri dolandyrmak (nebitgaz pudagynda**).

**III. Bakalawr maksatnamasy (okuwlar iňlis dilinde alnyp barlar):**

1. Amaly geologiýa, dag işi, nebitgaz işi we geodeziýa (taýýarlygyň ugurlary: **nebitgaz işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň geologiýasy we gözlegi**).
2. Himiýa tehnologiýalary (taýýarlygyň ugry: **himiýa tehnologiýasy (nebitgaz pudagynda**).
3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugry: **programma inženerligi**).
4. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugry: **logistika (nebitgaz pudagynda**).

Uniwersitetde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat ş.) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat we Arkadag şäherleri — iýul aýynyň 30-31-i, awgust aýynyň 1-i we 2-si günleri;
Balkan welaýaty — awgust aýynyň 3-i, 4-i we 5-i günleri;
Mary welaýaty — awgust aýynyň 6-sy, 7-si we 8-i günleri;
Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 6-sy, 7-si we 8-i günleri;
Lebap welaýaty — awgust aýynyň 9-y, 10-y we 11-i günleri;
Ahal welaýaty — awgust aýynyň 12-si, 13-i we 14-i günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

hünärler: **nebit-gaz känlerini özleşdirmek we ulanmak; nebit we gaz guýularyny burawlamak; nebitgazgeçirijilerini we nebitgazyň saklanýan ýerlerini taslamak, gurmak we ulanmak; nebitiň we gazyň geologiýasy; gidrogeologiýa we inžener geologiýasy; geologiki kartalaşdyrma we magdan ýataklarynyň gözlegi; peýdaly magdanlary gözlemegiň we barlamagyň geofiziki usullary; markşeýder işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlary baýlaşdyrmak; sowadyjy, kompressor maşynlary we desgalary; nebitgaz desgalary we senagat gurluşygy; senagat desgalarynyň we tehnologik toplumlaryň elektrohereketlendirilişi hem-de awtomatikasy (nebitgaz pudagynda); gazturbina desgalary we gazkompressor stansiýalary;** taýýarlygyň ugurlary: **dag işi; maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (nebitgaz pudagynda); kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi (nebitgaz pudagynda); maglumat howpsuzlygy (nebitgaz pudagynda); tehnologiki maşynlar we enjamlar (nebitgaz pudagynda); elektroenergetika we elektrotehnika (nebitgaz pudagynda); nebitgaz pudagynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; işgärleri dolandyrmak (nebitgaz pudagynda)** — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **nebiti we gazy gaýtadan işlemegiň himiki tehnologiýasy; daşky gurşawy goramak we tebigy baýlyklary tygşytly peýdalanmak;** taýýarlygyň ugry: **standartlaşdyrmak we metrologiýa (nebitgaz pudagynda)** — himiýa, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

taýýarlygyň ugurlary (okuwlar iňlis dilinde alnyp barlar): **nebitgaz işi; gazylyp alynýan peýdaly magdanlaryň geologiýasy we gözlegi; programma inženerligi; logistika (nebitgaz pudagynda)** — iňlis dili, matematika, Türkmenistanyň taryhy; taýýarlygyň ugry: **himiýa tehnologiýasy (nebitgaz pudagynda)** — iňlis dili, himiýa, Türkmenistanyň taryhy.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil boýunça geçilýän derslerden başga ähli okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Okuwlar iňlis dilinde alnyp barylјak taýýarlygyň ugurlary boýunça giriş synaglaryny üstünlikli tabşyran dalaşgärler okuw işini geçirmek üçin ýeterlik derejede iňlis dilini bilşini barlamak maksady bilen test tabşyrýarlar.

Iňlis dilini erkin bilýän dalaşgärler 1-nji okuw ýylyna kabul edilýär. Iňlis dilini erkin bilmeýän dalaşgärler bir okuw ýylynyň dowamynda dil taýýarlygy okuwyny goşmaça geçýärler, okuwlaryň jemleri boýunça oňyn bahanyň alynmagy olara saýlap alan taýýarlygynyň ugry boýunça 1-nji okuw ýylynda okuwlaryny dowam etmäge mümkinçilik berýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Ýagşygeldi Kakaýew adyndaky**
**Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Arçabil şaýoly, 8, tel.: 39-13-74, 39-13-70.**

## *HALKARA YNSANPERWER YLYMLARY WE ÖSÜŞ UNIWERSITETI*

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin bakalawr maksatnamasy boýunça taýýarlygyň aşakdaky ugurlaryna talyplyga kabul edýär:*

1. Hukuk işi (taýýarlygyň ugurlary: **halkara jemagat hukugy; halkara hususy hukugy**).
2. Syýasy ylymlar we sebiti öwreniş (taýýarlygyň ugry: **halkara gatnaşyklary we dünýä syýasaty**).
3. Sosiologiýa we durmuş işi (taýýarlygyň ugry: **sosiologiýa**).
4. Filosofiýa, etika we dini öwreniş (taýýarlygyň ugry: **filosofiýa**).
5. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi (taýýarlygyň ugry: **žurnalistika**).
6. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugurlary: **halkara ykdysadyýet; halkara menejment; halkara maliýe; ätiýaçlandyryş işi; halkara täjirçilik**).
7. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugurlary: **kompýuter tehnologiýasy; kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi; maglumat we kommunikasiýa tehnologiýalary**).

Uniwersitetde okuwlar iňlis dilinde we tölegli esasda alnyp barylýar.

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat ş.) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 30-y, 31-i we awgust aýynyň 1-i günleri;
Balkan welaýaty — awgust aýynyň 2-si, 3-i we 4-i günleri;
Lebap welaýaty — awgust aýynyň 5-i, 6-sy we 7-si günleri.
Mary welaýaty — awgust aýynyň 8-i, 9-y we 10-y günleri;
Aşgabat we Arkadag şäherleri — awgust aýynyň 11-12-si, 13-i we 14-i günleri;
Ahal welaýaty — awgust aýynyň 15-i, 16-sy we 17-si günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

taýýarlygyň ugurlary: **filosofiýa; sosiologiýa; halkara jemagat hukugy; halkara hususy hukugy; halkara gatnaşyklary we dünýä syýasaty** — iňlis dili, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

taýýarlygyň ugry: **žurnalistika** — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

taýýarlygyň ugurlary: **halkara ykdysadyýet; halkara menejment; halkara maliýe; ätiýaçlandyryş işi; halkara täjirçilik; kompýuter tehnologiýasy; kompýuter ulgamynyň programma üpjünçiligi; maglumat we kommunikasiýa tehnologiýalary** — iňlis dili, matematika, Türkmenistanyň taryhy.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil boýunça geçilýän derslerden başga ähli okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet ýa-da iňlis dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglaryny üstünlikli tabşyran dalaşgärler okuw işini geçirmek üçin ýeterlik derejede iňlis dilini bilşini barlamak maksady bilen test tabşyrýarlar.

Iňlis dilini erkin bilýän dalaşgärler 1-nji okuw ýylyna kabul edilýär. Iňlis dilini erkin bilmeýän dalaşgärler bir okuw ýylynyň dowamynda dil taýýarlygy okuwyny goşmaça geçýärler, okuwlaryň jemleri boýunça oňyn bahanyň alynmagy olara saýlap alan taýýarlygynyň ugry boýunça 1-nji okuw ýylynda okuwlaryny dowam etmäge mümkinçilik berýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Halkara ynsanperwer ylymlary we**
**ösüş uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., 1958-nji (Andalyp) köçe, 169,**
**tel.: 39-85-62, 39-85-25.**

## S.A.NYÝAZOW ADYNDAKY TÜRKMEN OBA HOJALYK UNIWERSITETI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär:*

**I. Hünärmen maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Oba, tokaý we balyk hojalygy (hünärler: **agronomçylyk; ýüpekçilik; bagbançylyk, miweçilik we gök ekerançylyk; tokaý we seýilbag hojalygy; oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy; gidromeliorasiýa; oba hojalygyny mehanizmleşdirmek; meliaratiw işleri mehanizmleşdirmek; oba hojalygy (inžener-mugallymlary taýýarlamak); ösümlik ýagyny öndürmek).**

2. Weterinariýa we zootehniýa (hünär: **weterinar lukmançylygy).**

**II. Hünärmen maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Oba, tokaý we balyk hojalygy (hünärler: **ösümlikleri goramak; miwe-gök önümlerini gaýtadan işlemek; et-süýt önümlerini gaýtadan işlemek; dänäni gaýtadan işlemek; pagtanyň ilkinji işlenilişi; agrohimiýa we agrotopragy öwreniş**).

2. Dokma we ýeňil senagatyň tehnologiýalary (hünärler: **mata önümçiligi; tikinçilik önümçiliginiň tehnologiýasy; tebigy süýümleri egirmek**).

3. Amaly geologiýa, dag işleri, nebitgaz işi we geodeziýa (hünär: **ýer gurluşygy we kadastrlar).**

**III. Bakalawr maksatnamasy (býujet esasynda**):

1. Weterinariýa we zootehniýa (taýýarlygyň ugurlary: **zootehniýa; senagat balykçylygy; kinologiýa**).

**IV. Bakalawr maksatnamasy (tölegli esasda)**:

1. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugurlary: **oba hojalygynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit (oba hojalygynda**).

2. Oba, tokaý we balyk hojalygy (taýýarlygyň ugurlary: **ýyladyşhana hojalygy; agroekologiýa**).

3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugry: **maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (oba hojalygynda**).

4. Maglumat howpsuzlygy (taýýarlygyň ugry: **maglumat howpsuzlygynyň menejmenti (oba hojalygynda**).

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça) 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** uniwersitetde (Aşgabat şäheri.) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Aşgabat we Arkadag şäherleri — iýul aýynyň 30-31-i, awgust aýynyň 2-si we 4-i günleri;

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 1-i, 3-i we 5-i günleri;

Mary welaýaty — awgust aýynyň 4-i, 6-sy we 7-si günleri;

Daşoguz welaýaty — awgust aýynyň 5-i, 7-si we 8-i günleri;

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 7-si, 8-i we 9-y günleri;

Ahal welaýaty — awgust aýynyň 9-10-y, 11-i we 12-si günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

hünärler: **agronomçylyk; ýüpekçilik; agrohimiýa we agrotopragy öwreniş; bagbançylyk, miweçilik we gök ekerançylyk; ösümlikleri goramak; tokaý we seýilbag hojalygy; oba hojalyk ekinleriniň seçgisi we tohumçylygy; weterinar lukmançylygy;** taýýarlygyň ugurlary: **ýyladyşhana hojalygy; agroekologiýa; zootehniýa; senagat balykçylygy; kinologiýa** — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **gidromeliorasiýa; ýer gurluşygy we kadastrlar; oba hojalygyny mehanizmleşdirmek; meliorатiw işleri mehanizmleşdirmek; oba hojalygy (inžener-mugallymlary taýýarlamak);** taýýarlygyň ugurlary: **maglumat ulgamlary we tehnologiýalary (oba hojalygynda), maglumat howpsuzlygynyň menejmenti (oba hojalygynda)** — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **miwe-gök önümlerini gaýtadan işlemek; et-süýt önümlerini gaýtadan işlemek; dänäni gaýtadan işlemek; pagtanyň ilkinji işlenilişi; ösümlik ýagyny öndürmek; mata önümçiligi; tikinçilik önümçiliginiň tehnologiýasy; tebigy süýümleri egirmek** — fizika, himiýa, Türkmenistanyň taryhy;

taýýarlygyň ugurlary: **oba hojalygynyň ykdysadyýeti we dolandyrylyşy; buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit (oba hojalygynda)** — matematika, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda, döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan:**

— soňky 2-3 ýylyň dowamynda ýokary netijeleri gazanan we etrap häkimligi tarapyndan degişli hünärlere ýa-da taýýarlygyň ugurlaryna hödürlenen kärendeçiler we mülkdarlar;

— «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýänler peýdalanýarlar.

**S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., 2009-njy (Görogly) köçe, 143,**
**tel.: 34-27-46, 34-07-77, 34-25-64.**

## SEÝITNAZAR SEÝDI ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET MUGALLYMÇYLYK INSTITUTY

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler (hünärmen maksatnamasy) we taýýarlygyň ugurlary (bakalawr maksatnamasy) boýunça talyplyga kabul edýär:*

**I. Hünärmen maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (hünärler: **fizika we informatika; başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýasy; mekdebe çenli bilim we terbiýe; zähmet we tehnologiýalaryň esaslary**).

**II. Bakalawr maksatnamasy (býujet esasynda):**

1. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (taýýarlygyň ugurlary: **başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýasy; mekdebe çenli bilim we terbiýe; ýöriteleşdirilen bilim (defektologiýa**).

**III. Hünärmen maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Bilim we pedagogika (mugallymçylyk) ylymlary (hünärler: **matematika we informatika; himiýa; biologiýa; geografiýa; taryh; türkmen dili we edebiýaty; daşary ýurt dili we edebiýaty (rus dili we edebiýaty); daşary ýurt dili we edebiýaty (iňlis dili we edebiýaty); daşary ýurt dilleri we edebiýaty (nemes dili we edebiýaty, iňlis dili); pedagogika bilimi (hytaý dili we edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (pars dili we edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty); bedenterbiýe).**

**IV. Bakalawr maksatnamasy (tölegli esasda):**

1. Sosiologiya we durmuş işi (taýýarlygyň ugry: **durmuş işi**).

Instituta umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynda) 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** institutda (Türkmenabat ş.) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Mary welaýaty — iýul aýynyň 30-31-i, awgust aýynyň 3-i we 6-sy günleri;

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 31-i — awgust aýynyň 1-i, awgust aýynyň 4-i we 7-si günleri;

Aşgabat we Arkadag şäherleri — awgust aýynyň 2-si, 5-i we 8-i günleri;

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 9-y, 10-y we 11-i günleri;

Ahal welaýaty — awgust aýynyň 10-y, 11-i we 12-si günleri;

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 13-14-15-i, 16-17-si we 18-i günleri.

**Giriş synaglary** aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

Hünärler we taýýarlygyň ugurlary:

hünär: **matematika we informatika** — matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **fizika we informatika** — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **himiýa** — himiýa, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **biologiýa** — biologiýa, himiýa, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **geografiýa** — geografiýa, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **taryh** — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, jemgyýeti öwreniş;

hünärler: **başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýasy; mekdebe çenli bilim we terbiýe;** taýýarlygyň ugurlary: **başlangyç bilimiň mugallymçylygy we psihologiýasy (bakalawr); mekdebe çenli bilim we terbiýe (bakalawr)** — türkmen dili we edebiýaty, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **türkmen dili we edebiýaty** — türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş;

hünär: **daşary ýurt dili we edebiýaty (rus dili we edebiýaty)** — rus dili we edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **daşary ýurt dili we edebiýaty (iňlis dili we edebiýaty)** — iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünärler: **daşary ýurt dilleri we edebiýaty (nemes dili we edebiýaty, iňlis dili); pedagogika bilimi (hytaý dili we edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty); pedagogika bilimi (pars dili we edebiýaty, türkmen dili we edebiýaty)** — saýlap alan hünär dili boýunça ýa-da iňlis dili, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **zähmet we tehnologiýalaryň esaslary** — fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy;

hünär: **bedenterbiýe** — umumy fiziki taýýarlygyň tassyklanan möçbernamasyny ýerine ýetirmek, biologiýa, Türkmenistanyň taryhy;

taýýarlygyň ugurlary: **durmuş işi; ýöriteleşdirilen bilim (defektologiýa)** — biologiýa, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil boýunça geçilýän derslerden başga ähli okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan**:

— mugallymçylyk mekdeplerini tamamlan we mugallymçylyk ugrundan 2 ýyldan az bolmadyk iş döwri bolanlar;

— orta sport mekdebini tamamlan ýokary derejeli türgenler (bedenterbiýe hünärine girilen halatynda);

— 2021 — 2025-nji ýyllarda geçirilen halkara ýaryşlaryň ýeňijileri (bedenterbiýe hünärine girilen halatynda);

— 2021 — 2025-nji ýyllarda sportuň görnüşleri boýunça Türkmenistanyň milli ýygyndy toparlarynyň agzalary (bedenterbiýe hünärine girilen halatynda);

— «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýänler peýdalanýarlar.

**Seýitnazar Seýdi adyndaky Türkmen döwlet mugallymçylyk institutynyň salgysy:**
**Türkmenabat ş., Şabende köçesi, 7,**
**tel.: 3-25-50, 3-04-18.**

## HALKARA SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER UNIWERSITETI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin bakalawr maksatnamasy boýunça bilim ulgamlarynyň aşakdaky ulaldylan toparlaryna talyplyga kabul edýär:*

**Ulaldylan toparlar:**

**1. Binagärlik** (ulaldylan topar boýunça taýýarlygyň ugurlary: binagärlik; binagärlik gurşawynyň dizaýny).

**2. Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary** (ulaldylan topar boýunça taýýarlygyň ugurlary: senagat we raýat jaý gurluşygy; gurluşyk materiallaryny, önümlerini we konstruksiýalaryny öndürmek).

**3. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy** (ulaldylan topar boýunça taýýarlygyň ugry: maglumat ulgamlary we tehnologiýalary).

**4. Maşyngurluşyk** (ulaldylan topar boýunça taýýarlygyň ugry: önümçiligiň we tehnologiýa prosesleriniň awtomatlaşdyrylyşy).

**5. Oba, tokaý we balyk hojalygy** (ulaldylan topar boýunça taýýarlygyň ugurlary: agronomçylyk; azyk önümleriniň tehnologiýasy).

**6. Weterinariýa we zootehniýa** (ulaldylan topar boýunça taýýarlygyň ugurlary: weterinar lukmançylygy; senagat balykçylygy).

**7. Ykdysadyýet we dolandyryş** (ulaldylan topar boýunça taýýarlygyň ugurlary: buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit (telekeçilikde); işewürlik we telekeçilik; söwdada we logistikada sanly tehnologiýalar; halkara işewürlik; işewürligi dolandyrmak).

**8. Hukuk işi** (ulaldylan topar boýunça taýýarlygyň ugry: **işewürlik hukugy)**.

Uniwersitetde okuwlar türkmen we iňlis dillerinde geçilýär.

Uniwersitetde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

Okuwyň dowamlylygy 5 ýyla (1 ýyl — türkmen we iňlis dilleri boýunça dil taýýarlygy, 4 ýyl — bakalawr maksatnamalary boýunça okuw) deňdir.

Talyplar dil taýýarlygyny geçenlerinden soňra, 1-nji okuw ýylynda bakalawr maksatnamasy boýunça bilim ulgamlarynyň ulaldylan toparlary boýunça bilim alarlar.

Talyplar 2-nji okuw ýylyndan, isleglerine hem-de okuwa ýetişigine görä, bilim ulgamlarynyň ulaldylan toparlaryna girýän taýýarlygyň degişli ugurlary boýunça okuwlaryny dowam ederler.

Uniwersitete umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** welaýat merkezlerinde we Aşgabat şäherinde (Aşgabat we Arkadag şäherleri boýunça Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň himiki we nanotehnologiýalar fakultetiniň binasynda) 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada rektoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Aşgabat şäherinde (Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň Himiki we nanotehnologiýalar fakultetiniň binasynda) aşakdaky möhletlerde geçirilýär:

Daşoguz welaýaty — iýul aýynyň 30-31-i, awgust aýynyň 1-i we 2-si günleri;

Balkan welaýaty — awgust aýynyň 1-2-si, 3-i we 4-i günleri;

Aşgabat we Arkadag şäherleri — awgust aýynyň 3-4-i, 5-i we 6-sy günleri;

Ahal welaýaty — awgust aýynyň 5-6-sy, 7-si we 8-i günleri;

Mary welaýaty — awgust aýynyň 7-8-i, 9-y we 10-y günleri;

Lebap welaýaty — awgust aýynyň 9-10-y, 11-i we 12-si günleri.

Giriş synaglary aşakdaky okuw dersleri boýunça geçirilýär:

**Binagärlik; Gurluşygyň tehnikasy we tehnologiýalary ulaldylan toparlaryň taýýarlygynyň ugurlary boýunça** — iňlis dili, fizika, Türkmenistanyň taryhy.

**Informatika we hasaplaýyş tehnikasy; Maşyngurluşyk; Ykdysadyýet we dolandyryş; Hukuk işi ulaldylan toparlaryň taýýarlygynyň ugurlary boýunça** — iňlis dili, matematika, Türkmenistanyň taryhy.

**Oba, tokaý we balyk hojalygy; Weterinariýa we zootehniýa ulaldylan toparlaryň taýýarlygynyň ugurlary boýunça** — iňlis dili, himiýa, Türkmenistanyň taryhy.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Degişli dil boýunça geçilýän derslerden başga ähli okuw dersleri boýunça giriş synaglary döwlet ýa-da iňlis dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenilen wagtda synaglara esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da okuw dersleriniň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Halkara senagatçylar we telekeçiler uniwersitetiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Görogly köçesi, 185.**
**(Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersitetiniň salgysy: Aşgabat ş.,**
**Köşi köçesi, 100 himiki we nanotehnologiýalar fakultetiniň binasy,**
**tel: 39-16-62).**

## TÜRKMENISTANYŇ OGUZ HAN ADYNDAKY INŽENER-TEHNOLOGIÝALAR UNIWERSITETI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin bakalawr maksatnamasy boýunça taýýarlygyň aşakdaky ugurlaryna talyplyga kabul edýär:*

1. Matematika we mehanika (taýýarlygyň ugry: **amaly matematika we informatika (inženerler üçin matematika)**).

2. Biologiýa ylymlary (taýýarlygyň ugurlary: **öýjük we molekulýar biologiýa; genetika we bioinžiniring; mikrobiologiýa).**

3. Himiýa tehnologiýalary (taýýarlygyň ugurlary: **himiýa tehnologiýasy; himiki inžiniring).**

4. Senagat ekologiýasy we biotehnologiýalar (taýýarlygyň ugry: **biotehnologiýa**).

5. Materiallaryň tehnologiýalary (taýýarlygyň ugry: **materiallary öwrenmek we täze materiallaryň tehnologiýasy**).

6. Nanotehnologiýalar we nanomateriallar (taýýarlygyň ugry: **nanomateriallar**).

7. Ýeri öwreniş ylymlary (taýýarlygyň ugurlary: **ekologiýa we tebigatdan peýdalanmak; kartografiýa we geoinformatika**).

8. Informatika we hasaplaýyş tehnikasy (taýýarlygyň ugurlary: **informatika we hasaplaýyş tehnikasy; maglumat ulgamlary we tehnologiýalary; sanly infrastruktura we kiberhowpsuzlyk; mobil we tor inžiniringi; animasiýa we grafiki dizaýny; emeli aň we ekspert ulgamlary; maglumatlary goramagyň tehniki serişdeleri; sanly ykdysadyýetiň tehnologiýalary).**

9. Maşyngurluşyk (taýýarlygyň ugurlary: **awtomatlaşdyrmak we dolandyrmak; mehatronika we robot tehnikasy**).

10. Elektronika, radiotehnika we aragatnaşyk ulgamlary (taýýarlygyň ugry: **elektronika we nanoelektronika**).

11. Fotonika, abzalgurluşyk, optiki we biotehniki ulgamlar we tehnologiýalar (taýýarlygyň ugry: **biolukmançylyk elektronikasy**).

12. Ykdysadyýet we dolandyryş (taýýarlygyň ugurlary: **işgärleri dolandyrmak; innowasion ykdysadyýet; tehnologiýa işewürligi; innowasion menejment we halkara işewürligi).**

13. Fiziki-tehniki ylymlar we tehnologiýalar (taýýarlygyň ugry: **häzirki zaman tehnologiýalaryň fizikasy).**

14. Dil bilimi we edebiýaty öwreniş (taýýarlygyň ugurlary: **filologiýa (tehniki iňlis dili we ýapon dili); kompýuter lingwistikasy).**

Uniwersitetde okuwlar iňlis we ýapon dillerinde geçilýär hem-de tölegli esasda alnyp barylýar.

## MAÝA KULYÝEWA ADYNDAKY TÜRKMEN MILLI KONSERWATORIÝASYNYŇ ÝANYNDAKY DAŇATAR ÖWEZOW ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET ÝÖRITE SAZÇYLYK MEKDEBI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar (hünärler) boýunça talyplyga kabul edýär:*

**I. Býujet esasynda:**

**1. Sungaty öwreniş (hünär: sazyň taryhy we nazaryýeti).**

**2. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünärler: bagşyçylyk sungaty; horeografiýa sungaty).**

**3.Saz sungaty (hünärler: türkmen milli saz gurallary (görnüşleri boýunça); halk saz gurallary (görnüşleri boýunça); kirişli saz gurallary (görnüşleri boýunça); üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary (görnüşleri boýunça); hor dirižýorlygy).**

**II. Tölegli esasda:**

**1. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünärler: aýdym aýtmak sungaty (wokal); estrada sungaty).**

**2. Saz sungaty (hünärler: üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary (görnüşleri boýunça); fortepiano; saz mugallymçylygy).**

Ýörite sazçylyk mekdebine umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi barada resminama (asyl nusgasy);

— sazçylyk bilimi barada resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary, bilim edaralaryna girýän milli we halkara döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri (taýýarlygyň döredijilik ugurlary (hünärleri) boýunça) şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebinde (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ugurlara degişli hünärler boýunça aşakdaky derslerden geçirilýär:

— hünär: **sazyň taryhy we nazaryýeti hünäri** — hünäri boýunça, fortepiano we saz edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

— hünärler: **aýdym aýtmak sungaty (wokal); horeografiýa sungaty; bagşyçylyk sungaty; saz mugallymçylygy; estrada sungaty** — hünäri boýunça iki tapgyrda, Türkmenistanyň taryhy;

— beýleki hünärler — hünäri boýunça, solfejio we sazyň nazaryýeti, Türkmenistanyň taryhy.

Giriş synaglary sungat mekdepleriniň, Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler ondan soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Maýa Kulyýewa adyndaky Türkmen milli konserwatoriýasynyň ýanyndaky Daňatar Öwezow adyndaky Türkmen döwlet ýörite sazçylyk mekdebiniň salgysy: Aşgabat ş., 1984-nji (Puşkin) köçe, 22, tel.: 92-54-84, 92-52-19.**

## TÜRKMENISTANYŇ SÖWDA WE DAŞARY YKDYSADY ARAGATNAŞYKLAR MINISTRLIGINIŇ SÖWDA-KOOPERATIW MEKDEBI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler boýunça talyplyga kabul edýär:*

**1. Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit.**
**2. Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş.**
**3. Harytçylyk we sarp ediş harytlarynyň hilini seljermek.**
**4. Jemgyýetçilik iýmitiniň önümleriniň tehnologiýasy.**
**5. Salgytlar we salgyt salmak.**
**6. Statistika.**

Söwda-kooperatiw mekdebine umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Okuwyň möhleti 2 ýyl.

Söwda-kooperatiw mekdebinde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14-nji iýuly — 18-nji awgusty aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— bellenilen nusga boýunça okuw üçin tölegi öz wagtynda amal etmegiň kepil haty;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Söwda-kooperatiw mekdebinde (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň awgust aýynyň 21-22-si, 24-i we 25-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ähli hünärler boýunça matematika, Türkmenistanyň taryhy, jemgyýeti öwreniş derslerinden geçirilýär.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda, döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan:**

— Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň edaralary we kärhanalary tarapyndan degişli hünärlere hödürlenenler;

— «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň Söwda-kooperatiw mekdebiniň salgysy: Aşgabat şäheri, 2060-njy (Aba Annaýew) köçe, 51, tel.: 36-85-32, 36-83-28.**

## TÜRKMEN DÖWLET MEDENIÝET WE SUNGAT MEKDEBI

### 2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar (hünärler) boýunça talyplyga kabul edýär:

**I. Býujet esasynda:**

**1. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi (hünär: ylmyň we tehnologiýanyň maglumat üpjünçiligi; muzeý işi we ýadygärlikleri goramak).**

**2. Taryh we arheologiýa (hünär: iş kagyzlarynyň dolanyşygyny guramak we arhiw işi).**

**3. Medeniýeti öwreniş we durmuş-medeni taslamalar (hünär: medeniýet öýünde režissýorlyk).**

**4. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünär: aktýorlyk sungaty).**

**II. Tölegli esasda.**

**1. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleri we maglumat-kitaphana işi (hünärler: kitaphanaçylyk işi; çagalar okaýşyny guramak)**

Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebine umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary, milli we halkara döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri (taýýarlygyň döredijilik ugurlary (hünärleri) boýunça) şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebinde (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ugurlaryň degişli hünärleri boýunça aşakdaky derslerden geçirilýär:

— hünärler: kitaphanaçylyk işi; **çagalar okaýşyny guramak; iş kagyzlarynyň dolanyşygyny guramak we arhiw işi; muzeý işi we ýadygärlikleri goramak; ylmyň we tehnologiýanyň maglumat üpjünçiligi** — Türkmenistanyň taryhy, türkmen dili we edebiýaty, saýlanan hünäri soraglary boýunça söhbetdeşlik;

— hünärler: **medeniýet öýlerinde režissýorlyk; aktýorlyk sungaty** — saýlanan hünär boýunça ukybyny barlamak, türkmen dili we edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy.

**Giriş synaglary** Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda, döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler ondan soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Türkmen döwlet medeniýet we sungat mekdebiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Magtymguly şaýoly, 4, tel.: 27-21-22, 27-20-50.**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET ÇEPERÇILIK AKADEMIÝASYNYŇ ÝANYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET ÝÖRITE ÇEPERÇILIK MEKDEBI

### 2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar (hünärler) boýunça talyplyga kabul edýär:

**I. Býujet esasynda:**

**Sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri (hünärler: nakgaşçylyk; grafika).**

**II. Tölegli esasda:**

**Sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri (hünärler: dizaýn; metaly çeper bejermek).**

Ýörite çeperçilik mekdebine umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— çeperçilik bilimi barada resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary, milli we halkara döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri (taýýarlygyň döredijilik ugurlary (hünärleri) boýunça) şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny;

— 2 sany galamda, 2 sany reňkde, 2 sany eser (kompozisiýa) işlerini.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary** we okuwa kabul edilmek Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň ýanyndaky Türkmen döwlet ýörite çeperçilik mekdebinde (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ugurlara hünärler boýunça galamda surat çekmek, eser döretmek (kompozisiýa), Türkmenistanyň taryhy derslerinden geçirilýär.

**Giriş synaglary** galamda surat çekmek, eser döretmek (kompozisiýa) dersleri boýunça çeperçilik we sungat mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň, Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler ondan soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň ýanyndaky Türkmen döwlet ýörite çeperçilik mekdebiniň salgysy: Aşgabat ş., 2087-nji köçe (Aga Berdiýew), 127, tel.: 75-65-70, 75-65-69.**

## AHAL WELAÝAT ÝÖRITE SUNGAT MEKDEBI

### 2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar (hünärler) boýunça talyplyga kabul edýär:

**I. Býujet esasynda:**

**1. Sungaty öwreniş (hünär: sazyň taryhy we nazaryýeti).**

**2. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünärler: bagşyçylyk sungaty; horeografiýa sungaty).**

**3. Saz sungaty (hünärler: türkmen milli saz gurallary (görnüşleri boýunça); halk saz gurallary (görnüşleri boýunça); kirişli saz gurallary (görnüşleri boýunça); üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary (görnüşleri boýunça); fortepiano; saz mugallymçylygy; hor dirižýorlygy).**

**II. Tölegli esasda.**

**1. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünär: aýdym aýtmak sungaty (wokal);**

**2. Saz sungaty (hünär: saz mugallymçylygy).**

**3. Sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri (hünär: nakgaşçylyk).**

Ýörite sungat mekdebine Ahal welaýatynda we Aşgabat şäherinde hemişelik ýaşaýan, umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynda 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— sazçylyk ýa-da çeperçilik bilimi barada resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary, milli we halkara döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri (taýýarlygyň döredijilik ugurlary (hünärleri) boýunça) şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny;

— 2 sany galamda, 2 sany reňkde, 2 sany eser (kompozisiýa) işlerini (sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri ugrunyň nakgaşçylyk hünärine okuwa girýänler üçin).

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Ahal welaýat ýörite sungat mekdebinde (Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etraby) 2025-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ugurlara degişli hünärler boýunça aşakdaky derslerden geçirilýär:

— hünär: **sazyň taryhy we nazaryýeti** — hünäri boýunça, fortepiano we saz edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

— hünärler: **aýdym aýtmak sungaty (wokal); horeografiýa sungaty; bagşyçylyk sungaty; saz mugallymçylygy** — hünäri boýunça iki tapgyrda, Türkmenistanyň taryhy;

— hünär: **nakgaşçylyk** — galamda surat çekmek, eser döretmek (kompozisiýa), Türkmenistanyň taryhy;

— beýleki hünärler — hünäri boýunça, solfejio we sazyň nazaryýeti, Türkmenistanyň taryhy.

**Giriş synaglary** sungat mekdepleriniň, Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler ondan soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Ahal welaýat ýörite sungat mekdebiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Büzmeýin etraby, Arkadag köçesi, 1, tel.: 33-52-41.**

## BALKAN WELAÝAT ÝÖRITE SUNGAT MEKDEBI

### 2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar (hünärler) boýunça talyplyga kabul edýär:

**I. Býujet esasynda:**

**1. Sungaty öwreniş (hünär: sazyň taryhy we nazaryýeti).**

**2. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünärler: aýdym aýtmak sungaty (wokal); bagşyçylyk sungaty; horeografiýa sungaty).**

**3. Saz sungaty (hünärler: türkmen milli saz gurallary (görnüşleri boýunça); halk saz gurallary (görnüşleri boýunça); kirişli saz gurallary (görnüşleri boýunça); üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary (görnüşleri boýunça); fortepiano; saz mugallymçylygy).**

**II. Tölegli esasda.**

**Sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri (hünärler: nakgaşçylyk; dizaýn).**

Ýörite sungat mekdebine Balkan welaýatynda hemişelik ýaşaýan, umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Balkanabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— sazçylyk ýa-da çeperçilik bilimi barada resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuwa dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary, milli we halkara döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri (taýýarlygyň döredijilik ugurlary (hünärleri) boýunça) şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny;

— 2 sany galamda, 2 sany reňkde, 2 sany eser (kompozisiýa) işlerini (sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri ugrunyň nakgaşçylyk, dizaýn hünärlerine okuwa girýänler üçin).

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Balkan welaýat ýörite sungat mekdebinde (Balkanabat ş.) 2025-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ugurlara degişli hünärler boýunça aşakdaky derslerden geçirilýär:

— hünär: **sazyň taryhy we nazaryýeti** — hünäri boýunça, fortepiano we saz edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

— hünärler: **aýdym aýtmak sungaty (wokal); horeografiýa sungaty —** hünäri boýunça iki tapgyrda, Türkmenistanyň taryhy;

— hünärler: **nakgaşçylyk, dizaýn —** galamda surat çekmek, eser döretmek (kompozisiýa), Türkmenistanyň taryhy;

— beýleki hünärler — hünäri boýunça, solfejio we sazyň nazaryýeti, Türkmenistanyň taryhy.

Giriş synaglary sungat mekdepleriniň, Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler ondan soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Balkan welaýat ýörite sungat mekdebiniň salgysy:**
**Balkanabat ş., 126-njy ýaşaýyş jaý toplumy, E.Ataýewa köçesi, tel.: 6-77-25, 6-77-26.**

## LEBAP WELAÝAT ÝÖRITE SUNGAT MEKDEBI

### 2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar (hünärler) boýunça talyplyga kabul edýär:

**I. Býujet esasynda:**

1. Sungaty öwreniş (hünär: **sazyň taryhy we nazaryýeti**).

2. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünärler: **aýdym aýtmak sungaty (wokal); horeografiýa sungaty**).

3. Saz sungaty (hünärler: **halk saz gurallary (görnüşleri boýunça); kirişli saz gurallary (görnüşleri boýunça); üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary (görnüşleri boýunça); saz mugallymçylygy; hor dirižýorlygy).**

**II. Tölegli esasda.**

1. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünär: **bagşyçylyk sungaty).**

2. Saz sungaty (hünärler: **türkmen milli saz gurallary (görnüşleri boýunça); fortepiano).**

3. Sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri (hünär: **nakgaşçylyk).**

Ýörite sungat mekdebine Lebap welaýatynda hemişelik ýaşaýan, umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Türkmenabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— sazçylyk ýa-da çeperçilik bilimi barada resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary, milli we halkara döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri (taýýarlygyň döredijilik ugurlary (hünärleri) boýunça) şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny;

— 2 sany galamda, 2 sany reňkde, 2 sany eser (kompozisiýa) işlerini (sungatyň şekillendiriş we amaly görnüşleri ugrunyň nakgaşçylyk hünärine okuwa girýänler üçin).

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Lebap welaýat ýörite sungat mekdebinde (Türkmenabat ş.) 2025-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ugurlara degişli hünärler boýunça aşakdaky derslerden geçirilýär:

— hünär: **sazyň taryhy we nazaryýeti —** hünäri boýunça, fortepiano we saz edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

— hünärler: **aýdym aýtmak sungaty (wokal); horeografiýa sungaty; bagşyçylyk sungaty; saz mugallymçylygy —** hünäri boýunça iki tapgyrda, Türkmenistanyň taryhy;

— hünär: **nakgaşçylyk** — galamda surat çekmek, eser döretmek (kompozisiýa), Türkmenistanyň taryhy;

— beýleki hünärler — **hünäri boýunça, solfejio we sazyň nazaryýeti, Türkmenistanyň taryhy.**

Giriş synaglary sungat mekdepleriniň, Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler ondan soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Lebap welaýat ýörite sungat mekdebiniň salgysy:**
**Türkmenabat şäheri, O.Garaýew köçesi, 117, tel.: 6-16-49; 6-06-75.**

## MARYNYŇ ÝOLAMAN HUMMAÝEW ADYNDAKY ÝÖRITE SAZÇYLYK MEKDEBI

### 2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky ugurlar (hünärler) boýunça talyplyga kabul edýär:

**I. Býujet esasynda:**

**1. Sungaty öwreniş (hünär: sazyň taryhy we nazaryýeti).**

**2. Saz sungaty (hünärler: türkmen milli saz gurallary (görnüşleri boýunça); halk saz gurallary (görnüşleri boýunça); kirişli saz gurallary (görnüşleri boýunça); üflenip we kakylyp çalynýan saz gurallary (görnüşleri boýunça); fortepiano).**

**II. Tölegli esasda:**

**1. Sahna sungaty we edebi döredijilik (hünärler: aýdym aýtmak sungaty (wokal); bagşyçylyk sungaty; horeografiýa sungaty).**

**2. Saz sungaty (hünärler: saz mugallymçylygy; hor dirižýorlygy).**

Ýörite sazçylyk mekdebine Mary welaýatynda hemişelik ýaşaýan, umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlary** Mary şäherinde 2025-nji ýylyň 14 — 27-nji iýuly aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— sazçylyk bilimi barada resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary, milli we halkara döredijilik bäsleşikleriniň ýeňijileri (taýýarlygyň döredijilik ugurlary (hünärleri) boýunça) şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Marynyň Ýolaman Hummaýew adyndaky ýörite sazçylyk mekdebinde (Mary ş.) 2025-nji ýylyň iýul aýynyň 30-y, awgust aýynyň 1-i we 3-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ugurlara degişli hünärler boýunça aşakdaky derslerden geçirilýär:

— hünär: **sazyň taryhy we nazaryýeti** — hünäri boýunça, fortepiano we saz edebiýaty, Türkmenistanyň taryhy;

— hünärler: **aýdym aýtmak sungaty (wokal); horeografiýa sungaty; bagşyçylyk sungaty; saz mugallymçylygy —** hünäri boýunça iki tapgyrda, Türkmenistanyň taryhy;

— beýleki hünärler — hünäri boýunça, solfejio we sazyň nazaryýeti, Türkmenistanyň taryhy.

Giriş synaglary sungat mekdepleriniň, Türkmenistanyň taryhy dersi boýunça bolsa Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda geçirilýär.

Türkmenistanyň taryhy dersi giriş synaglary döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler ondan soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Marynyň Ýolaman Hummaýew adyndaky ýörite sazçylyk mekdebiniň salgysy: Mary ş., S.Nyýazow köçesi, 25, tel.: 6-78-92, 6-93-11.**

## TÜRKMENISTANYŇ ENERGETIKA MINISTRLIGINIŇ AŞGABAT ENERGETIKA ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBI

### 2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler boýunça talyplyga kabul edýär:

**1. Elektrik beketler, torlar we ulgamlar.**

**2. Energiýa hojalygy we elektrik üpjünçiligi.**

**3. Elektroenergetika ulgamlarynyň rele goragy we awtomatikasy.**

**4. Elektrik geçiriji ugurlaryny gurnamak we ulanmak.**

**5. Ykdysadyýet we sanly maglumat tehnologiýalary**

**6. Elektrik beketlerinde suwuň, ýangyjyň we çalgy materiallaryň tehnologiýasy.**

**7. Buhgalterçilik hasaba alnyşy we audit.**

**8. Kompýuter torlary.**

**9. Iş kagyzlarynyň dolanyşygyny guramak we arhiw işi.**

Aşgabat energetika orta hünär okuw mekdebine umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Okuwyň möhleti — 2,5 ýyl.

Aşgabat energetika orta hünär okuw mekdebinde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14-nji iýuly — 18-nji awgusty aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**

— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;

— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);

— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);

— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;

— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;

— bellenilen nusga boýunça okuw üçin tölegi öz wagtynda amal etmegiň kepil haty;

— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;

— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;

— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:

— pasportyny;

— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň Aşgabat energetika orta hünär okuw mekdebinde (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň awgust aýynyň 21-22-si, 24-i we 25-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ähli hünärler boýunça fizika, matematika, Türkmenistanyň taryhy derslerinden geçirilýär.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda, döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Türkmenistanyň Energetika ministrliginiň Aşgabat energetika orta hünär okuw mekdebiniň salgysy:**
**Aşgabat ş., Oguz han köçesi, 13, tel.: 42-83-73, 49-48-16, 49-36-01.**

## TÜRKMENISTANYŇ GAHRYMANY ATAMYRAT NYÝAZOW ADYNDAKY ÝÖRITELEŞDIRILEN BANK MEKDEBI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler boýunça talyplyga kabul edýär:*

**1. Bank amallarynyň tehnologiýasy.**
**2. Bank karzlaşdyrylyşy.**
**3. Banklarda buhgalterçilik hasaba alnyşy.**
**4. Bank işlerini programmirlemek.**

Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebine umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Okuwyň möhleti — 2 ýyl (bank işlerini programmirleşdirmek hünäri boýunça okuwyň möhleti — 3 ýyl).

Ýöriteleşdirilen bank mekdebinde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14-nji iýuly — 18-nji awgusty aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**
— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— bellenilen nusga boýunça okuw üçin tölegi öz wagtynda amal etmegiň kepil haty;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:
— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny;

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmegi üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebinde (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň awgust aýynyň 21-22-si, 24-i we 25-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ähli hünärler boýunça matematika, Türkmenistanyň taryhy we jemgyýeti öwreniş derslerinden geçirilýär.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriň okuw maksatnamalarynyň esasynda, döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**Türkmenistanyň Gahrymany Atamyrat Nyýazow adyndaky Ýöriteleşdirilen bank mekdebiniň salgysy:
Aşgabat ş., 1916-njy (B.Annanow) köçe, 129,
tel.: 28-71-56, 28-71-66.**

## «TÜRKMENHOWAÝOLLARY» DÖWLET GULLUGYNYŇ HOWA ULAGLARYNYŇ IŞGÄRLERINI TAÝÝARLAÝAN MEKDEBI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler boýunça talyplyga kabul edýär:*

**1. Howa gämileriniň awiasion we radioelektron enjamlarynyň tehniki taýdan ulanylyşy.**
**2. Howa gämileriniň we awiahereket getirijileriniň tehniki taýdan ulanylyşy.**
**3. Awiasiýa howpsuzlygyny üpjün etmek.**
**4. Howa menzilleriniň radiotehniki enjamlarynyň tehniki taýdan ulanylyşy.**
**5. Awiasiýa ýangyç-çalgy serişdeleriniň öndürilişi, saklanylyşy, daşalyşy, guýluşy we olaryň hil barlagy.**
**6. Howa ulaglarynyň hereketini dolandyrmak.**

Mekdebe saglyk ýagdaýy «Türkmenhowaýollary» döwlet gullugynyň lukmançylyk merkeziniň talaplaryna gabat gelýän, umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 25-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary (oglanlar (harby şahadatnamasy bolan) we gyzlar) giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Okuwyň möhleti — 2,5 ýyl.

Howa ulaglarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdepde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

Dalaşgärleriň ýaşy 2025-nji ýylyň 1-nji sentýabryna çenli hasaba alynýar.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14-nji iýuly — 18-nji awgusty aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**
— bellenilen nusgada mekdebiň direktorynyň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);
— «Türkmenhowaýollary» döwlet gullugynyň lukmançylyk merkezi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— narkologiýa hem-de psihonewrologiýa hassahanalaryndan güwähat;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— bellenilen nusga boýunça okuw üçin tölegi öz wagtynda amal etmegiň kepil haty;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýar.

Dalaşgärler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:
— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** «Türkmenhowaýollary» döwlet gullugynyň Howa ulaglarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdebinde (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň awgust aýynyň 21-22-si, 24-i we 25-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ähli hünärler boýunça matematika, fizika, Türkmenistanyň taryhy derslerinden geçirilýär.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda, döwlet dilinde ýazmaça we dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýän dalaşgärler peýdalanýarlar.

**«Türkmenhowaýollary» döwlet gullugynyň Howa ulaglarynyň işgärlerini taýýarlaýan mekdebiniň salgysy:
Aşgabat ş., 2089-njy (A.Amanow) köçesi, 17,
tel.: 23-34-21.**

## TÜRKMENISTANYŇ DOKMA SENAGATY MINISTRLIGINIŇ AŞGABAT ŞÄHERINDÄKI MEHANIKA-TEHNOLOGIKI ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler boýunça talyplyga kabul edýär:*

**1. Tikin önümçiliginiň tehnologiýasy.**
**2. Dokma önümçiligi.**
**3. Buhgalterçilik hasaba alnyşy.**
**4. Marketing.**
**5. Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş.**
**6. Maglumatlary işläp taýýarlamagyň we dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlary.**
**7. Dokma materiallarynyň himiki tehnologiýasy we abzallary.**
**8. Standartlaşdyrmak we sertifikatlaşdyrmak.**
**9. Dokma we ýeňil senagatyň abzallaryna tehniki taýdan hyzmat etmek we bejermek.**
**10. Dizaýn (dokma senagaty pudagynda).**

Aşgabat şäherindäki mehanika-tehnologiki orta hünär okuw mekdebine umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Okuwyň möhleti — 2 ýyl.

Aşgabat şäherindäki mehanika-tehnologiki orta hünär okuw mekdebinde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14-nji iýuly — 18-nji awgusty aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**
— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;
— bellenilen nusgadaky sowalnama (anketa);
— bilimi baradaky resminama (asyl nusgasy);
— Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi tarapyndan bellenilen nusgadaky saglyk kepilnamasy;
— soňky okan ýerinden (işlän ýerinden, harby bölümden) häsiýetnama;
— bellenilen nusga boýunça okuw üçin tölegi öz wagtynda amal etmegiň kepil haty;
— 3x4 sm ölçegdäki sekiz sany fotosurat;
— işleýänler üçin zähmet depderçesiniň tassyklanan göçürmesi;
— okuw dersleri boýunça mekdep okuwçylarynyň döwlet bäsleşiginiň ýeňijileri, halkara bäsleşiklere gatnaşan Türkmenistanyň ýygyndy toparynyň agzalary şol ýagdaýlary tassyklaýan degişli resminamanyň asyl nusgasyny tabşyrýarlar.

Bulardan başga-da, okuwa girmäge isleg bildirýänler ýokarda görkezilen resminamalar bilen birlikde, resminamalary kabul edýän iş toparyna aşakdakylary görkezýärler we nusgalaryny tabşyrýarlar:
— pasportyny;
— harby şahadatnamasyny ýa-da harby hasaba goýlandygy hakynda şahadatnamasyny.

Dalaşgär bäsleşiksiz we (ýa-da) okuwa kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan peýdalanýandygyny tassyklaýan beýleki resminamalary görkezip biler.

Nädogry berlen maglumatlar we galp resmi iş kagyzlary üçin dalaşgär şahsy jogapkärçilik çekýär.

**Giriş synaglary we okuwa kabul edilmek** Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Aşgabat şäherindäki mehanika-tehnologiki orta hünär okuw mekdebinde (Aşgabat ş.) 2025-nji ýylyň awgust aýynyň 21-22-si, 24-i we 25-i günlerinde geçirilýär.

**Giriş synaglary** ähli hünärler boýunça matematika, himiýa, Türkmenistanyň taryhy derslerinden geçirilýär.

Okuw dersleri boýunça giriş synaglary Türkmenistanyň orta mekdepleriniň okuw maksatnamalarynyň esasynda, döwlet dilinde dilden geçirilýär.

Giriş synaglarynyň tertibinde bellenen wagtda synaga esassyz sebäplere görä gelip bilmedikler ýa-da dersleriň biri boýunça synagdan geçip bilmedikler soňky synaglara goýberilmeýär.

Giriş synaglaryndan üstünlikli geçen ýagdaýynda, **bäsleşiksiz we talyplyga kabul edilmek üçin artykmaç hukukdan** «Bilim hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň rejelenen görnüşinde kesgitlenen düzgünlere laýyk gelýänler peýdalanýarlar.

**Türkmenistanyň Dokma senagaty ministrliginiň Aşgabat şäherindäki mehanika-tehnologiki orta hünär okuw mekdebiniň salgysy:
Aşgabat şäheri, 2052 (Hydyr Derýaýew) köçe, 4,
tel.: 36-49-20, 36-04-16, 36-18-74, 36-21-67.**

## TÜRKMENISTANYŇ GURLUŞYK WE BINAGÄRLIK MINISTRLIGINIŇ AŞGABAT GURLUŞYK ORTA HÜNÄR OKUW MEKDEBI

*2025/2026-njy okuw ýyly üçin aşakdaky hünärler boýunça talyplyga kabul edýär:*

**1. Senagat we raýat jaý gurluşygy.**
**2. Gurluşyk materiallaryny we demirbeton konstruksiýalaryny öndürmegiň tehnologiýasy.**
**3. Amaly geodeziýa.**
**4. Suw üpjünçiligi we lagym suwlaryny akdyryş.**
**5. Energiýa hojalygy we elektrik üpjünçiligi.**
**6. Awtomobil ýollarynyň we aerodromlaryň gurluşygy we ulanylyşy.**
**7. Ykdysadyýet we meýilnamalaşdyryş.**
**8. Binagärlik.**
**9. Buhgalterçilik hasaba alnyşy.**
**10. Nebit we gaz känlerini işläp geçmek.**
**11. Maglumatlary işläp taýýarlamagyň we dolandyrmagyň awtomatlaşdyrylan ulgamlary.**
**12. Gozgalmaýan emläkleriň ekspertizasy we dolandyrylyşy.**
**13. Ýylylyk, gaz üpjünçiligi we howa çalşygy.**
**14. Guýulary barlamagyň geofiziki usullary.**

Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrliginiň Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebine umumy orta bilimden pes bolmadyk binýatda bilimi bolan, ýaşy 35-den geçmedik Türkmenistanyň raýatlary giriş synaglarynyň netijeleri boýunça bäsleşik esasynda kabul edilýär.

Okuwyň möhleti — 2-2,5 ýyl.

Aşgabat gurluşyk orta hünär okuw mekdebinde okuwlar tölegli esasda alnyp barylýar.

**Resmi iş kagyzlary** Aşgabat şäherinde 2025-nji ýylyň 14-nji iýuly — 18-nji awgusty aralygynda kabul edilýär.

**Resmi iş kagyzlarynyň sanawy:**
— bellenilen nusgada direktoryň adyna ýazylan arza;
